

# OGUZNAMA

## TÜRKMEN HALKYNYŇ BAŞ EPIK ESERI

**TITLE:**

**THE TURKMEN’S FOLK EPIC**

**PRINT HOUSE: TISK OD 1 KS.CZ. PRAGUGE. CZECH RUPUBLIC**

**PUBLISHED BY: TURKMEN STUDY CENTER. SUMMER 2021**

# OGUZNAMA

**ÝAZAN:**

**Salyr Baba Gulaly ogly**

**rabi-ül awwal. 963-nji ýyl**

**(14.01.1556)**

**NUSAÝ**

**ÇAPA TAÝÝARLAN:**

**ARNE GOLI**

**2021**

***TÜRKMENI ÖWRENIŞ MERKEZ***

## MAZMUNY

### ALYM AHMET BEKMYRADOWYŇ MAKALASY

"OGUZNAMA" NÄDIP BIZE MÄLIM BOLDY? ------------------------ 9

OGUZ KAGANYŇ DÖREÝŞI HAKDA ---------------------------------------- 10

OGUZ KAGANYŇ DÜNÝÄ INIŞI-------------------------------------------- 12

AŽDARHANYŇ ÖLDÜRILŞI ---------------------------------------------- 13

OGUZ KAGANYŇ ÖÝLENŞI WE OGULLARY --------------------------- 15

ULY TOÝDA OGUZUŇ KAGAN BELLENŞI ------------------------------ 16

OGUZ KAGANYŇ ÝÖRIŞLERI WE BOZ GURT ------------------------- 17

SOŇKY GURULTAÝ ----------------------------------------------------- 24

GÖK BÖRINIŇ OBRAZY -------------------------------------------------- 25

MODEA-METEHAN OGUZUŇ YNANÇLARY ---------------------------- 30

BOZ_OKLAR, ÜÇ_OKLAR ------------------------------------------------ 32

### TEKST

OGUZLARYŇ TARYHY WE AHWALY ------------------------------------ 42

OGUZYŇ ÖZ ATASY WE AGALARY BILEN SÖWŞI -------------------- 46

OGUZYŇ BÜTIN ÄLEM ILÇILER IBERMEGI ---------------------------- 49

OGUZYŇ KILBARAK GOWMI BILEN EDEN SÖWEŞI ---------------- 53

OGUZYŇ ZULMAT ÜLKESINE SAPARY--------------------------------- 56

OGUZYŇ ŞAMAHY WE ŞIRWANA ILÇI ÝOLLAMAGY --------------- 60

**OGUZYŇ ARRAN WE MUGAN TARAPYNA ÝÖRIŞI ------------------- 61**

**OGUZYŇ DIÝARBEKR WE ŞAMA ÝÖRIŞI ------------------------------- 64**

**OGULLARYNYŇ PEREŇE WE RUMA ÝÖRIŞI--------------------------- 69**

**RUM GOŞUNLARY BILEN SÖWEŞLER---------------------------------- 71**

**DAMEŞKA TARAP ÝÖRIŞI ------------------------------------------------ 73**

**MISIRA TARAP ÝÖRIŞI --------------------------------------------------- 75**

**OGUZYŇ BAGDADA WE BASRA TARAP GITMEGI ------------------- 77**

**PARS WE KERMANA ÝOLLAMAGY -------------------------------------- 79**

**IRAK-Y AJEM TARAPYNA ILÇILER ÝOLLAMAGY -------------------- 80**

**GÜRGENI, DEHISTANY, HORASANY GOLA GEÇIRMEGI ------------ 81**

**OGUZYŇ ÖZ ÝURDUNA DOLANYŞY ------------------------------------ 84**

**OGUZYŇ OGLY GÜN HANYŇ PATYŞALYGY ---------------------------- 86**

**GÜN HANDAN SOŇRAKY OGUZ ÝABGULARY------------------------- 89**

**PATYŞALYGYŇ ULADMUR ÝABGU GOLUNDAN ÇYKMAGY ------- 103**

**SALGURLARYŇ HEKAÝASY------------------------------------------------ 120**

**- "GEÇMIŞINI BILMEDIGIŇ,**

**GELJEGI BOLMAZ."**

## "OGUZNAMA" NÄDIP BIZE MÄLIM BOLDY?

*Her bir milletiň buýsanmaga oňa guwanmaga milli mirasy, medeni baýlygy bar. Türkmen milletiniň-da baryp biziň eýýamymyzdan öň (milatdan öň) döredilen we il arasynda agyzdan agza geçip, saklanyp gelýän milli medeni miraslary bar. Şolardan iň gadymkysy, başgaça aydylanda şa eseri Oguznama'dyr.*



**Oguznamanyň uýgur nusgasy.**

Oguz hakyndaky iňňän gadymy wersiýa bolan «Oguznama» birnäçe golýazmalarda bize gelip ýetipdir. ***Parižiň milli***

***kitaphanasynda uýgur hatynda ýazylan*** iň gadymysy tapyldy. Golýazmanyň teksti 19-njy asyryň başlarynda alman diline, 19-njy asyryň ahyrlarynda rus diline terjime edilipdir. Golýazma 21 listden (42 sahypadan) ybarat bolup, onuň her bir sahypasynda giň aralykly 9 setir bar. Alymlaryň pikirine görä, golýazma 13—14-nji asyrlarda döräpdir we haýsydyr bir has gadymy nusga esaslandyrylypdyr.[1]

## *OGUZ KAGANYŇ DÖREÝŞI HAKYNDA OÝLANMA!*

Köp sanly taryhy çeşmelerde, halk arasynda aýdylýan rowaýatlar görä Türkmenleriň nesil başysy Oguzhan bolupdyr. Oguz hanyň biziň eýýamymyzdan ozalky III-II asyrlarda ýaşandygy, onuň şol eýýamynyň 174-nji ýylynda dünýäden ötendigini, gadymy çinlileriň oňa "Mode" ýa-da "Mao-tun" diýip at berendigini alymlar belleýärler.

Iň irki Oguznamaçy awtoryň **Ulug han Bitikçi**'digi aýdylýar. Onuň "Oguznama" eseri baryp 6-njy asyrda Türkmen dilinden pars diline terjime edilipdir. Oguznama diňe ýazuw edebiýatynda däl, eýsem halk arasynda hem diýseň ýörgünli bolupdyr diýmäge esas bar. Ol Türki halklaryň köpüsiniň gahrymançylykly eposyň pormirlenmegine öz täsirini ýetiripdir. Gyrgyzlaryň meşhur **"Manas"** eposynda, Manasyň şejeresini agtarsaň, ol ýedi

[1] Türkmenistanyň taryhy boýunça hrestomatiýa. Aşgabat. Magarif 92. S 66

arkadan Oguz hana ýetýär. Türkmeniň “Göroglusynyň” düýp özeninde Oguznama sužeti ýatýar.

Oguznamada, baş gahryman halkyna gün bermeýän wagşy jandarlar bilen baş-başa söweşe girýär. Eserde şeýle sözler bar: «O şol orman[tokaý] içinde beýük [beýik] bir gyýat [öküze meňzeş ýeke şahly jandar] bar erdi. Ýylkylarny, il-günleri iýer erdi». Sumerleriň **“Gilgamyş”**(B.Ö III-II asyrda) eposynda Gilgamyş asmandan inen täsin öküz bilen baş-başa söweşe girýär. Oguzhan hem edil Gilgamyş ýaly ýeke şahly öküz bilen dikleşýär. Ony öldürip, il-güni uly apatdan halas edýär.

Hawa ol bolýar[2]. Onuň keşbi—ynha şu...[3] — diýipdirler. Soňra şatlanypdyrlar. Günlerde bir gün **Aý Kaganyň**[4] gözi açylypdyr we ol ogul dogrupdyr, ol çaganyň ýüzi gögümtil, agzy çym gyzyl, gözleri gyrmyzy, saçy bilen gaşlary bolsa gara eken. Ol iň owadan perişdelerden hem görmegeý bolupdyr. Bu çaga ejesiniň göwsünden bir gezek emipdir-de, soň emmändir: onuň çig et, her dürli iýmit iýesi, şerap içesi gelipdir... we gepläpdir.

Kyrk günden soň ol ulalypdyr, ýöräpdir we oýnapdyr. Onuň aýaklary öküziň aýaklary ýaly, guşaklygy möjegiň bili ýaly, eginleri samyryň eginleri ýaly, döşi aýynyň döşi ýaly bolupdyr. Onuň bütin endamy gür tüý bilen örtülgi bolupdyr, ol gylýal sürülerini bakypdyr, ýaby münüpdir, keýik awlapdyr we [köp] gije-gündizler geçenden soň jahyl çykypdyr.

[2] Dünýä inýär.
[3] «Oguznamanyň» ýazylan žanrey ylmy barlagçylar tarapyndan heniz kesgitlenenok. Teksti düzüjiler ony abzaslara (paragraflara) böldüler, çünki kitapda (şu tekstiň alnan kitabynda) tekst şu aşakdaky ýaly: ilki bilen sahypanyň ýarysynda uýgur teksti, soňra, sahypanyň beýleki ýarymynda rus dilindäki tekst getirilýär. Bu halatlaryň ikisinde hem tekst golýazmanyň asyl nusgasyny emele getirýän 9 setirden ybarat.
Raşid ad-Diniň şunuň bilen birmeňzeş atly eseriniň çeşmäniň şu variantyna esaslandyrylan bolmagy mümkindir. Seret: Raşid ad-Din Fazlallah. Oguz-name/ Perevod s persidskogo, predislovie, kommentarii, primechanija i ukazatvli R. M. Shukjurovoj.— Baku: Elm, 1987—127 s.
[4] Oguzhanyň enesi.

## *AŽDARHANYŇ ÖLDÜRILŞI*



Şol wagtlar ol ýerde uly tokaý bar eken. Ulu-kiçili derýalar köp eken. Bu ýere biçak kän ýabany haýwanlar gelýär eken, bu ýerde gaty köp guşlar bolupdyr.

Bu tokaýda ägirt aždarha bar eken, ol ýabylary we adamlary iýýär eken. Elhenç ýyrtyjy halka azar ýamanyny beripdir[5].

**Oguz kagan** batyr häkim bolupdyr. Ol aždarhany awlamak isläpdir. Günleriň birinde ol awa çykypdyr; ol naýzasyny, ýaýyny we peýkamlaryny, gylyjyiy we galkanyny alyp, ýola düşüpdir. Bir

[5] Aždarhaly gürrüň soňra Gorkut Ata we Görogly eposlarynda-da getirlipdir. A.G

maraly[6] tutupdyr. Ony söwüt çybyklary bilen bir agaja daňypdyr-da gidipdir.

Soňra jahan ýagtylyp ugrapdyr. Daňdanyň ümüş-tamyşynda [Oguz] dolanyp gelende aždarhanyň maraly äkidendigini görüpdir. Ol indi bir aýyny tutup, [ony] altyn çaýylan kemer bilen agaja baglap gidipdir.

Şondan soň daň atypdyr, [Oguz] [ýene-de] daňdanlar gelipdir. Ol aýyny-da aždarhanyň äkidendigini görüpdir.

Indi bu agajyň ýanynda özi durupdyr. Aždarha gelip, kellesini Oguzyň galkanyna urupdyr. Oguz naýza bilen aždarhanyň beýnisini deşip, ony öldüripdir. Gylyç bilen onuň kellesini kesipdir-de, alyp gidipdir.

Ondan soň bu ýere dolanyp gelende, ol aždarhanyň içgoşyny garaguşuň iýip duranyny görüpdir. [Oguz] ýaýdan peýkam atyp, garaguşy urupdyr-da, onuň kellesini kesipdir. Soňra şeýle diýipdir: «Ine garaguşuň keşbi şeýledir. [Aždarha] maraly iýdi, aýyny iýdi. Meniň naýzam [ony] öldürdi: ol demirden ýasalan ahyryn. Aždarhany garaguş iýdi. Meniň ýaýym we peýkamlarym [ony] öldürdiler: olar [edil] ýel ýalydyr»— diýipdir-de gidipdir. Aždarhanyň keşbi şeýledir...

[6] Keýik

## *OGUZ KAGANYŇ ÖÝLENŞI WE OGULLARNYŇ DOGLUŞY*

Bir gezek Oguz kagan bir ýerde älem hökümdaryna (Gök Taňra) sežde edipdir. Garaňky düşüpdir. Asmandan bir mawy şöhle inipdir. Ol gün şöhlesinden-de ýiti, aý aýdyňlygyndan-da ýagty eken. Oguz kagan [onuň ýanyna] baryp görse, ol şöhläniň ortarasynda bir uly gyz bar eken. Onuň ýeke özi otyr eken.

Ol gaty gözel gyz eken. Onuň kellesinde edil Daň ýyldyzy kimin ýaldyrap duran, köz ýaly haly bar eken. Ol gyz şeýle bir owadan eken: eger ol gülse, bütin mawy asman hem gülýär eken, eger ol aglasa, bütin mawy asman hem eňreýär eken. Oguz kagan ony görüp, huşundan gidipdir, ony söýupdir, ony alypdyr, onuň bilen bile bolupdyr, hezil edipdir.

Ol aýal göwreli bolupdyr. Köp gije-gündizlerden soň onuň içinden burgusy tutup, üç sany ogul dogrupdyr. Olaryň birinjisine **«Gün»**, ikinjisine **«Aý»**, üçünjisine **«Ýyldyz»** diýen at dakypdyrlar.

Bir gün Oguz kagan [ýene-de] awa gidipdir. Öňde, kölüň ortasynda bir ösüp oturan agaja onuň gözi düşüpdir. Ol agajyň saýasynda bir ulu gyz ýeke özi otyr eken. Ol örän owadan gyz eken. Onuň gözleri asmandan-da mawy, saçy derýanyň tolkuny ýaly, dişleri dür dänesi ýaly eken. Ol şeýle bir owadan bolan soň, ony görenlerinde adamlar: «Baý, baý, wah, wah, ölýäris» diýipdirler.

Oguz kagan ony görüp, özünden gidipdir, onuň ýüregi joşupdyr, ol ony söýüpdir, alypdyr, onuň bilen bile bolup, hezil edipdir.

Ol aýal göwreli bolupdyr, [köp] gije-gündizler geçenden soň aýy-güni dolup, üç ogul dogrupdyr. Olaryň birinjisine **«Gök»** ikinjisine **«Dag»**, üçünjisine bolsa **«Deňiz»** diýen at dakypdyrlar.

## *ULY TOÝDA OGUZUŇ KAGAN BELLENŞI*

Soňra Oguz kagan uly toý edip, halka habar bilen ýüzlenipdir; [adamlar] özara geňeşip, gelipdirler. Ol kyrk sany uzyn oturgyç ýasamagy buýrupdyr, dürli-dürli nygmatlar, etli naharlar iýipdirler, şerap we gymyz içipdirler.

Toýdan soň Oguz kagan beglere we halk üçin buýruk berip, şonda:

«Men siziň kaganyňyz boldum,
Hany, ýaýlaryňyzy we galkanlaryňyzy alyň,
Paç biziň üçin goý, «amatly» bolsun,
«çal mejek[7]» bize ýol görkeziji bolsun,
Tokaý bize demir naýzalar bolsun,
Goralyp saklanýan ýerlerde goý, gulanlar gezsin,
Deňizler tolkun atsyn, derýalar [aksyn],

[7] Bozgurt

Gün [biziň] baýdagymyz bolsun, asman— çadyrymyz» diýipdir.

## *OGUZ KAGANYŇ ÝÖRIŞLERI WE BOZ GURT*



Şonuň yz ýanyndan Oguz kagan çar tarapa buýruklar iberipdir. Ýüzlenme ýazyp, ilçilere beripdir.

Ol ýüzlenmede şeýle ýazylan eken: «Men dünýäniň dört böleginiň häkimi bolmak özüne miýesser eden Oguz kagany. Men siziň maňa tabyn bolmagyňyzy isleýärin. Kim sowgatlar getirip, maňa tabyn bolsa, ony dostum hasap ederin— diýipdir, — kim boýun egmese, onda gahar-gazaba münüp, goşun ýygnap, ony duşman hasap ederin; gaty çalt kül-peýekun edip, asyp öldürmegi buýraryn, meýdi çüýrär ýaly ederin» — diýipdir.

Şol wagtlar sag tarapda **Altun kagan** atly bir häkim bar eken. Şol Altun kagan Oguz kaganyň ýanyna ilçi iberipdir. Köp altyn we kümüş ýygnap, sansyz-sajaksyz gymmat baha daşlary, örän kän baýlyklary ýygnap oňa iberipdir, hormatlap, sap ýürekden Oguz kagana sowgat beripdir, oňa tabyn bolupdyr. [Oguz] şöhratly gahryman bilen dost bolupdyr, ony halapdyr.

Çep tarapda **Urum** atly bir kagan bar eken. Ol kaganyň örän köp goşuny, kän şäheri bolupdyr.

Urum kagan Oguz kaganyň buýrugyny äsgermändir, onuň bilen birleşmek islemändir. «[Bu] sözleri kabul etmeýärin» diýipdir we onuň talabyna tabyn bolmandyr. Oguz kagan, gahar-gazaba münup, onuň üstüne [özi] gitmek isläpdir. Atlary eýerläp, baýdaklary ýaýyp, goşun bilen ýörişe ugrapdyr.

Kyrk günden soň ol **Buz dagy** diýilýän bir dagyň etegine gelipdir. Ol ýerde düşläpdir, uka gidipdir.

Jahan ýagtylandan soň Oguz kaganyň çadyryna günün şöhlesine meňzeş bir şöhle düşüpdir. Şol şöhläniň içinden **ýogyn boýnunyň tüýi hüžžeherip duran çal möjek** çykypdyr. Ol möjek Oguz kagana: «Aý, Oguz! Sen Uruma garşy ýöriş etmekçi bolýarmyşyň. Aý, Oguz! Men seniň öňüňe düşüp gideýin» diýipdir.

Ine şondan soň Oguz kagan çadyrny ýygnap, ýola düşüpdir. Goşunyň öňünden  ýogyn boýnunyň tüýi hüžžük çal möjegiň barýandygyny görüpdir.  [Hemmeler şol möjegnň yzyna düşüp barýar] eken.

Birnäçe günden soň şol ýogyn boýny hüžžük tüýli ullakan çal möjek birdenkä saklanypdyr.  Goşunlar bilen birlikde Oguz hem durupdyr. Bu ýerde **Itil** diýilýän derýa akyp ýatyr eken.

Itiliň kenarynda, gara dagyň eteginde söweş başlanypdyr. Peýkam atyşyp, naýzalaşyp we gylyçlaşyp göreşipdirler. Goşunlaryň arasynda köp söweş bolupdyr, Adamlaryň ýüreginde kän gaýgy-gam döräpdir. Garpyşykly söweş şeýle bir gazaply bolansoň, Itil derýaynyň suwy gyrmyzy boýag ýaly, çym-gyzyl bolup akypdyr.

Oguz kgang ýeňipdir, Urum kagan gaçypdyr. Oguz kagan, Urum kaganyň kaganlygyny basyp alypdyr, adamlary ýesir edipdir. Onuň ordasyna köp sanly jansyz we janly olja düşüpdir.

Urum kaganyň **Urus beg** diýen bir dogany bar eken. Urus öz ogluny çuň (?) derýanyň ortasyndaky belentlikde ýerleşýän, oňat berkidilen şähere iberipdir.

«Şäheri goramak gerek. Sen, meniň üçin şäheri sakla-da, söweşden soň dolanyp gel» — diýipdir.

Oguz kagan şol şähere tarap ugrapdyr. Urus begiň ogly oňa köp kümüş we altyn iberipdir. «Aý, sen, meniň kaganym! Meniň kakam bu şäheri maňa berdi. Ol: «Şäheri saklamak gerek. Sen meňiň üçin şäheri sakla-da, söweşden soň dolanyp gel» diýip tabşyrdy. Eger meniň kakamyň gahary gelse, [onda] mende ygtyýar galmasa gerek. Meniň häkimligim, baýlygym we parasatlylygym seniň ygtyýaryňa baglydyr. Biziň bagtymyz seniň bagtyňdyr, biziň urugymyz bolsa seniň şejere daragtyň urugyndandyr. Älem hökümdary saňa ýerüsti giňişliklerini tabşyrypdyr. Men saňa öz başymy, öz bagtymy bagyşlaýaryn. Paç töläp, dostlugy taşlaman» — diýipdir.

### *Saklaw, Gypjak, Garlyk, Arabaçy, Gaňňaly, Galaç atlarynyň berilmegi*

Bu ýaş ýigidiň sözleri Oguz kaganyň göwnünden turupdyr, ol begenipdir, gülüpdir we «Sen maňa köp altyn iberdiň, şäheri gowy sakladyň» diýipdir. Şoňa görä-de oňa **«Saklaw»** diýen at beripdir, dostlukly aragatnaşygy ýola goýupdyr.

Ynha birdenem Itil [diýlip atlandyrylýan] deryanyň kenarynda öz goşuny bilen Oguz kagan [peýda bolupdyr]. Itil uly [derýa] Oguz kagan ony görüp: «Itilden nähili geçerkäk?» diýipdir.

Goşunda bir daýaw beg bar eken. Onun, ady **Ulug Ordu beg** eken. Pähimli, köp zady bilýän adam bolupdyr. Ol [kenarda köp]

söwütleriň we başga agaçlaryň bardygyny görüpdir. [Ol beg....] agaçlary çapypdyr... Şol agaçlara münüp, derýadan ýüzüp geçipdir. Oguz kagan begenjinden gülüpdir-de: «Aý, sen bu ýerde beg bol. Sen **Gypçak beg** bolarsyň» diýipdir-de, öz ýoluna gidiberipdir...

Soňra Oguz kagan boýnunyň tüýi hüžžük çal möjegi görüpdir. Ol çal möjek Oguz kagana: **«Indi, Oguz kagan, goşunyň bilen ýola düş. Halky hem-de begleri bu ýere getir, men saňa ýol görkezeýin»** diýipdir.

Jahan ýagtylandan soň Oguz kagan ýörişde möjegiň eýýäm goşunyň öňünde barýandygyny görüpdir. Ol begenipdir we öňe gidipdir. Oguz kagan öz çypar atyna atlanypdyr, şol atyny ol gaty gowy görýär eken.

Ýolda ol at ýitipdir, gaçyp gidipdir. Ol ýerde bir beýik dag bar eken. Onuň üsti gaty sowuk we buzluk eken. Sowuk zerarly onuň depesi çuw-ak bolupdyr. Şoňa görä-de oňa **Muz tag** diýlipdir.

Oguz kaganyň aty Buzly daga tarap gaçyp gidipdir. Şol sebäpli Oguz kagan köp wagtlap azap çekipdir. Goşunda gaty batyr bir beg bar eken. Ol hiç zatdan gorkmaýar eken. Bu adam ýörişlerde we sowukda gaty çydamly bolupdyr. Bu beg daga gidipdir-de, dokuz günden soň Oguz kagana atyny getirip beripdir. Buzly daglarda biçak sowuk zerarly gar bilen örtülensoň, ol beg çuw-ak bolupdyr.

Oguz kagan begenjinden gülüpdir we «Aý, sen begleriň serkerdesi bol, goý, seniň ebedilik adyň **Karluk** bolsun» diýipdir. Köp sanly gymmat baha sowgatlar beripdir-de, ol öz ýoluna rowana bolupdyr.

Barýarka ýolda bir ägirt uly jaýa gözi düşüpdir. Bu jaýyň depesi altyndan, äpişgeleri/penjireleri kümüşden, gapylary bolsa demirden eken. Gapylar gulply eken, [emma] açary ýok eken.

Goşunda bir ajaýyp adam bolupdyr, onun ady **Týomýurdýu kagul** eken.

«Bu ýerde galda, aç. Gapyny açyp, orda dolanyp gelersiň» diýip, Oguz kagan oňa buýrupdyr. Şonuň üçinem oňa **Kalaç** diýen at beripdir we öz ýoluna gidiberipdir.

Günleriň bir güni ýogyn boýny hüžžük tüýli çal möjek [öňe] gitmän saklanypdyr. Oguz kagan hem durupdyr-da, urda gurupdyr. [Daş-töwerek] tekiz tarp ýer eken. Ol ýere **Jurjit** diýer ekenler. Bu ýerde ägirt uly mülk hem-de [köp sanly] halk bar eken. Köp mal, öküzler we köp göle, köp altyn we kümüş, köp gymmat baha zatlar bar eken.

Bu ýerde Jurjidiň kagany we onuň halky Oguz kagana garşy ýörişe çykypdyr.

Söweş başlanypdyr, peýkam atyşyp hem-de gylyçlaşyp söweşipdirler. Oguz kagan ýeňipdir. Jurjit kagany derbi-dagyn

edipdir, ony öldürip, onuň kellesini kesipdir. Jurjidiň halkyny özüne tabyn edipdir. Söweşden soň Oguz kaganyň goşunyna, onuň nökerlerine we halkyna şeýle bir kän olja ýetipdir, hatda ony ýüklemek hem-de äkitmek üçin ýabylar, gatyrlar we öküzler azlyk edipdir.

Oguz kaganyň goşunynda bir usully, daýaw, oňat syratly adam bar eken. Onuň adyna **Barmakluk Josun Billik** diýer ekenler. Bu görmegeý adam bir araba ýasapdyr. Zatlary şol araba ýükläp, ona janly oljany goşupdyrlar, olar arabany çekip, bu ýerden ugrapdyrlar.

Nökerler we bütin halk muny görüp, howlukmaçlyk bilen ýene-de [köp] araba ýasapdyr. Ýolda arabalar «kanga» diýen söze kybapdaş ses edip jygyldapdyrlar. Şoňa görä-de olara **«kanga/Gaňňa»** diýip at beripdirler.

Oguz kagan kangalary görüp, gülüpdir. «Janly olja zatlary, goý, arabalar bilen süýresin. Saňa—«Kaganluk»— diýlip berlen at, goý, saňa «kangany» ýatlatsyn» diýipdir-de, ýene-de öz ýoluna gidiberipdir.

Sonra ýogyn boýnunyň tüýi hüžžerip duran çal möjek bilen birlikde Hindistana (?), Tibede we Siriýa gidipdir.

Köp sanly söweşlerden we çaknyşyklardan soň olary ýeňipdir, basyp alypdyr, eýeläpdir, öz mülklerine birikdiripdir. Ýagty

gün/günorta-da **Baraka** diýilýän ýurduň ýerleşýändigi, goý, bilinmän galmasyn we hemmelere mälim bolsun. Bu ýerde örän baý mülkler bar, biçak yssy ýer. Onda keýikler, guşlar, altyn, kumüş we gymmat bahaly zatlar köp bolupdyr. Adamlarynyň endamy şar-gara eken. Bu topragyn häkimi **Masar** atly bir kagan bolupdyr. Oguz kagan onuň üstüne ýöriş edipdir. Söweş biçak gazaply bolupdyr. Oguz kagan ýeňipdir. Masar kagan gaçypdyr. Oguz ony derbi-dagyn edipdir, mülklerini basyp alypdyr, soňra gidipdir. Onuň dostlary köp şatlanypdyrlar, duşmanlary bolsa gaýgy-gama batypdyr. Oguz [kagan] ony ýeňipdir, sansyz-sajaksyz baýlyga, ýaby sürülerine eýe bolupdyr; onuň öz öýüne, öz mülküne gidesi gelipdir, [onsoň ol] ugrapdyr.

## ***SOŇKY GURULTAÝ***

Şonun yz ýanyndan Oguz kagan halky gurultaý çagyrypdyr.

Gelipdirler, maslahat edipdirler. Oguz kagan beýik orda-da.......[sag tarapda] kyrk gulaç beýik agaç dikdiripdir. Onuň çürbaşynda altyn [towuk] [oturdypdyr], [düýbünde] bolsa bir ak goýny daňypdyr. Çep tarapda [hem| kyrk gulaç beýik agaç dikdiripdir. Onuň çür başynda kümüş towuk oturdypdyr, düýbünde bolsa bir gara goýun daňypdyr. [Sagda] **Boz_oklar**, çepde **Üç_oklar** ýerleşipdirler.

Kyrk gün kyrk gije iýipdirler, içipdirler, şatlanypdyrlar. Soňra Oguz *kagan öz mülklerini ogullaryna paýlapdyr. [Olara]:*

*--“Eý ogullar köp men aştum,*
*--Urşgular köp men gördüm,*
*--Jyda[8] birle köp ok atdum,*
*--Aýgyr[9] birle köp ýörüdüm[10],*
*--Duşmanlrny ýyglagurdum,*
*--Dostlarymy men güldürdim*
*--Gök Taňryga men ötetdim[11],*
*--Sizlerge bere men ýurdum.”*

— diýipdir...

## GÖK BÖRINIŇ OBRAZY

Eposda Oguz han söweş saparlaryna ýola düşýär. Az ýöräp-köp ýöräp bir ýerde ýük ýazdyrýar. Ir bilen onuň gorganyna/çadyryna bir uly şöhle düşýär. Şol şöhläniň içinden gök tüýli, gök ýally bir erkek böri/möjek çykýar. Şol böri Oguz hana goşunyň öňbaşçysy bolup berjekdigini aýdyp berýär. Ol, eserde Oguz hanyň ähli söweş hereketlerinde goşunyň öňüni çekýär. Ýol görkeziji bolup, Oguz hanyň ýanyndan aýrylmaýar, bile hereket edýär. Eposa gök

[8] Jyda=Naýza
[9] Aýgyr=At
[10] Ýyglagurdum=Aglatdym
[11] Öteetdim= Sygyndym.

böriniň obrazynyň girizlimegi ýöne ýerden däl. Gadymy mifologiýada böri ýa-da möjek uly rol oýnapdyr. B.Ö 7-nji asra degişli Çin senenamasynda şeýle bir özboluşly rowaýat saklanyp galypdyr:

«Bir gün gadymy Hun halkynyň üstüne kese ýerli duşmanlar çozýar. Kese ýerliler, halky uçdantutma gylyçdan geçirýär. Giden bir uly halkdan hiç zat galmaýar. Diňe bir 10 ýaşlyja oglanjygy elden-aýakdan aýryp, bir tokga et edip, kölüň gyrasyna taşlap gidýärler. Kese ýerliler gidensoň bir ene böri söweş ýerlerini aýlanyp çykýar. Hälki oglanjygyň üstünden barýar. Dürli-dümen zat getirip, oglanjygy idirip başlaýar. Ony ýeke goýmaýar. Olar şeýdip bile ýaşaşyp ograýar. Bir gün bu ahwalat şol kese ýerli duşmanyň hanynyň gulagyna degýär. Han ýetginjegi hem börini öldürmek üçin kölüň ýanyna adam iberýär. Olar gelip ýetginjegi öldürýär. Emma böri bir säw bilen olaryň deminden sypýar. Bir dagyň gawagyna girip gizlenýär. Şol ýerde hem onuň ýaňky ýetginjekden 10 sany çagasy bolýar. Şol çagalar önüp-ösüp, biri-biri bilen durmuş gurýar. Olar köpelip gidýär. Adam bilen böriniň nikasyndan bolan çagalaryň biri has erdem (başrjaň) çykýar. **Aşyna** atlandyrlan bu ýigit özüni hökümdar diýip jar edýär. Ýaşan ordasynyň derwezesiniň ýüzünde böriniň suraty şekillendirlen baýdak dikýär.



*Ene möjek oglanjygy emdirýär*

Bu rowaýat getirilýän Çin senenamasynda aýdylşyna görä, Türki halklaryň nesil daragty şu adam bilen böriniň nikasyndan bolan çagalardan gaýytýarmyş. Dimek, böri Türki halklarynyň totemi, olaryň gadymky ata-babalarynyň gelip-çykyşyna gatnaşan jandar bolupdyr.

Oguznamada hem bu totemiki ynanç doly şölelenipdir. Eposyň başynda Oguz hanyň daşky sypaty şeýle suratlanypdyr: «Adagy [aýagy] od [öküz] adagy dek, billeri böri billeri dek, ýagry guş ýagry dek, köküzü [göwsi] adyg [aýy] köküzü dek erdi. Bedeniniň gamagy [hamy] tük [tüý] tolugluk [doly] erdi». Görşümiz ýaly, eposyň awtory, baş gahrymany adam şeklinde suratlandyranok, gahrymanyň aýagyny öküz aýagyna, ýagrysyny guş ýagrysyna, döşüni aýy döşüne, onuň böri bilini, endamy tüýden doly edilip görkezilmegi, adam bilen böriniň nikasyndan bolan çagany

ýatladýar. Eposynyň başga bir ýerinde Oguz han “Gök böri bolsungyl ören” diýär. Şeýle diýmek bilen biziň örenmiz, önüp-ösenmiz gök böri bolmaly diýmek isleýär. Eposda gök böri diňe ýol görkeziji däl, eýsem köpügören, Oguz handan köp ýaşan tejribeli, oňa maslahatçy obraz edilip suratlandyrylýar. Böri ýa-da Gurt babatda türkmen folklorynda, geçmiş klasiki edebiýatynda batyrlygyň, ýürekliligiň simbolyna öwrlüpdir. Göroglunyň söweş ämälleriniň biri “gurt oýny” diýip atlandyrylýar. Bu barada Mgrupynyň “Ýüsüp-Ahmat” dessanynda şeýle maglumat bar: «Elkyssa, bular Yüsüphan ýurdunyň ýigitlerini urşbazlyga, gökböribazlyga, batyrlyga gönükdürmäge meşgul boldular». Dessanda Ýüsüp bilen Ahmada “böri ýürekli” diýlip häsýetlendirme berilýär. Halk arasynda bu totemiki obraz barada iki sany örän özboluşly pähim aýdylyp gelinýär. Olaryň ilkinjisinde “Gurt geldi, gut geldi” diýilýär. Bu ýerde gelýän “Gut” sözi, gadymy Türki dilinde bagyt manysyny aňladýar. Halk arasynda ýörgünli bolan “gutly bolsun” sözi munyň şeýledigini tassyklaýar. Biziň ata-babalarmyz gurdyň gelmegini, görünmegini bagyt hasaplapdyrlar. Ikinji “Gurdyň ýüzi mübärek” diýen pähim hem öňki pähmiň özboluşly gaýtalanmasy bolup durýar.[ Seýle-de Türkmenlerde erkek çaga doganda, oňa: «Gurt tutdyňmy, gutly bolsun» diýärler-AG]

Eposda Oguz hanyň enesiniň ady **Aý kagan** dilip atlandyrylýandygy aýdylýar. Golýazmada Oguz hanyň şekli şeýle

dilip, öküziň suraty çekilip görkezilipdir. Gadymy mifologiýa görä, aý, enelik başlangyjy hasap edilipdir. Oguz hanyň enesiniň şeýle atlandyrylmagy şu ynanç bilen bagly. Eýsem Aý kagandan öküz sypatly çaganyň dünýä inmeginde nähili syr bar? Alymlaryň bellemeklerine görä B.Ö 3–2-nji asyrlardaky iki derýa aralygynda [Mawera-el nähir], Orta Aziýada, öküz aýa çokunýanlaryň, aýy hudaý hasap edýänleriň obrazy bolupdyr. Umuman gadymy ynançlara görä, öküz asman bilen bagly bolupdyr. Gadymy Sumerleriň Gilgamyş hakyndaky eposynda şeýle bir detal bar: «Innin atly hudaý gyz öz söýgüsini kabul edmändigi sebäpli asmandan bir täsin öküz inderip, Gilgamyşdan ar almak isleýär. Gilgamyş öz ilatyna uly howup bolup duran öküz bilen söweşe girip, ony öldürýär». Oguznama eposyndaky aý-öküz şeýle gadymy ynançlaryň önümi. Oguz adynyň hem öküz bilen baglydygy bize öňden belli. Şondan çen alsaň, türkmenlerde gyzlara aý bilen bagly atlaryň goýulmagy, aý ilki görnende onuň ýüze syýlynmagy şol ynançlaryň galyndysy eken. Halk arasynda öküz atly adamlara duş gelmek bolýar. Alym ***Z. Muhommedowa***nyň ýazmagyna görä öküz atly ýyldyz bolup, halk ynanjy boýunça ol baharyň günlerini deňleşdiriji bolup çykyş edýärmiş.

*MODEA-METEHAN OGUZUŇ YNANÇLARY*

Biziň irki ata-babalarmyz hudaý hökmünde Asmana [Gök Taňra] uýupdyrlar. Oguznamada: «Gök Taňryga men ötdüm» diýen setir bar. Bu ýerde ötemek, "ödemek" sözüniň gadymy formasy bolup gelýär. Şonuň üsti bilen gahryman Gök Taňrynyň ynamyny ödedim diýmek isleýär. Asmana ynanmak, iň gadymy döwürlere degişli. Oguz hanyň ilkinji aýalynyň gökden şöhle bilen düşndigini aýdypdyk. Şol gyz eposda şeýle sypatlandyrylýar: «O şol gyz andag körklüg [görükli] erdi kim külse [gülse] Gök Taňry küle turar [gülüp durar], ýyglasa, Gök Taňry ýyglaýa turar». Bu ýerde Taňry bilen adam bitewy, bölnüp aýrylmadyk ýagdaýda görkezilýär. Ýeri gelende aýytsak, türkmen dilinde minnetdarlygy aňladýan "Taňry ýalkasyn" diýen söz düzümi bar. Gadymy türki dilinde "ýalkasyn" sözi ýalasyn, syýpalasyn, ogşasyn manylaryny berýär. Eger şondan many alsaň, Taňry, yslamdaky göze görünmeýän däl-de, eýsem, ol adamyň ýanynda hereket edýär. Ony ýalap, syýpalap, ogşap berýär. Halk köpçüliginiň minnetdarlygyny beýan edýän bu söz, gör, haýsy döwürlerden bäri ýaşap gelipdir! Ikinji tarapdan munuň özi gadymy eposda beýan edilen ynançlaryň halkyň arasynda soňam ýaşap gelendigini görkezýär.

Gadymy Çin çeşmelerinde ýazylşyna görä, Mode-Oguz ertir turup dogup gelýän güne, agşam hem aýa çokunypdyr. Ol öz söweş tutumlaryna ýyldyzlaryň ýerleşişine görä başlapdyr. Onuň

asmandan gök şöhle bilen düşen aýalyndan bolan çagalaryna Gün, Aaý, Ýulduz at dakylmagy hem şonuň üçin. Biz Oguz hanyň ýer gözelinden bolan çagalaryna Kök [Gök], Tag [Dag], Teňiz [Deňiz] diýilip at dakylandygyny belläpdik. Olaryň atlaryny edil eposda ýazylşy ýaly almagmyzyň öz sebäbi bar. Oguz hanyň dördünji, Kök atly oglunyň ady asman ýa-da gök reňk bilen bagly däl. Ol "o:t" diýmegi aňladýar. Iň gadymy ata-babalrmyz ody şu sözüň üsti bilen beripdir. Häzirki dilimizde ol "Gök ýalyn" aňladmasynda saklanyp galypdyr. Dilde işjeň ulanylýan "köýmek" işligi hem şol gadymy "gök" sözi bilen bagly. Biziň gadymy eždadlarmyz "tag", häzirki aýdylşy boýunça "dag" sözi arkaly topragy hem aňladypdyrlar. Şeýlelikde Oguz hanyň ýer gözelinden bolan çagalarynyň ady arkaly ýer ood-dan, toprakdan hem suwdan ybarat diýlen düşünje berlipdir. Eýsem Oguz hanyň asman hem ýer bilen bagly çagalarynyň bir maşgala birikdirilmeginiň sebäbi näme? Gadymy mifologik düşünjä görä, asman bilen ýeriň söýgüsi, nikasy bilen dünýäde ýaşaýyş emele gelipdir. Oguz hanyň çagalarynyň hem-de olaryň atlarynyň asman hem ýer bilen baglanşygy şu ynançdan gelip çykýar.

*BOZ_OKLAR, ÜÇ_OKLAR*



Oguznamada baş gahryman öz nebirelerine gije bilen gündüziň çalyşmagyny örän ýeserlik bilen kada salyp berşini görýäris. Oguz hanyň ýanynda okumyş hem pähimdar **Ulug Törük** atly maslahatçysy bolýar. Eposda Ulug Törük hakynda gürrüň edilip, şeýle ýazylýar:

**«Günlerde bir gün uýkuda bir altyn ýa [ýaý] gördi, tagy [dagy] üç kümüş ok gördi. Bu altyn ýa [ýaý] gün dokuşdan [gündogardan] tä gün batuşgaça [günbatara] tekgen erdi. Tagy bu üç kümüş ok tün [garaňky] ýangakga gite turar erdi».**

Bu ýerde ýaý bilen ok simbolaşdyrylýar. Ýaýyň gündüzligi, oklaryň hem gijeligi aňladyp gelýändigi aýdylýar. Ulug Törük düýşini Oguz hana aýdyp berýär. Şol ýaý bilen oky tapyp alsa gawy boljakdygyny aýdýar. Oguz han onuň maslahatyny kabul edýär. Ogullaryny ýanyna çagyryp şeýle diýär:

**— Gün, Aý, Ýulduz taň saryga, senler baryň!**

**— Gök, Tag, Teňiz tün saryga senler baryň!**

Oguzhanyn daňyň atýan tarapyna giden ogullary şol gündüzligi görkezip duran ýaýy tapyp gelýär. Tün, gijelik tarapa giden ogullary hem oky tapyp getirip, atalaryna gowşurýar. Oguz han altyn ýaýy üçe bölüp, Gün, Aý, Ýyldyz atly ogullaryna berýär. Olar Bozuk [Boz+ ok] diýip at dakýar. Sebäbi, ol ogullaryna deň bölmek üçin ýaýy bozmaly bolýar. Ol Gök, Dag, Deňiz atly ogullarynyň hersine şol okuň birini berýär. Olar hem Üçok [Üç+ ok] diýip at dakýar. Şeýle edmek bilen hem Bozoklar güdüzligi, Üçoklar hem giýjeligi tapyp getirdi diýlen düşünje berilmek islenýär. Bu-de heniz hemmesi däl. Oguz hanyň alty oglundan 24 agtygy bolndygy bize belli. Ol her oglundan 4 agtyk görýär. Dimek, onuň Bozoklylardan 12, Üçoklylardan hem 12 agtygy bar. Şondan hem şeýle logiki netije çykarsa bolýar:

1. Bozoklar- Güdüzlik. Olaryň 12 ogly 12 sagat. Bir gün 12 sagada barabar.

2. Üçoklar- Gijelik. Olaryň 12 ogly 12 sagat. Bir gije 12 sagada barabar.

Bozoklaryň hem Üçoklaryň 24 ogly- bir gije-güdüz 24 sagatdan ybarat.

Görşümiz ýaly, gadymy ata-babalarmyz şeýle simbollaryň üsti bilen gije-gündüziň çalyşmagyny jürbe-jür kesgitlemegi başarypdyr. **Alymlaryň arasynda öňden ýörgünli bolan düşünjä görä, medeniýet, wagty anyk kesgiýtlemekden başlanýar.**

Gadym zamandan başlap admlar gündüz bilen gijäniň hersine bir reňk beripdir. Gündüzlik ak reňk bilen, gijelik hem gara reňk bilen aňladylypdyr. Bu ynanç eposda hem özboluşly häsýetde şölelenipdir. Oguz han sapardan dolanyp gelenden soň uly toý tutýar. Toý dabarasyna başlamazdan öňünçä oturan tagtynyň sag tarapynda gyrk gulaçlyk agaç dikdirip, agajyň depesinde altyndan ýasalan towuk goýýar. Agajyň düýbüne ak goýun baglaýar. Şol agajyň aşagynda gündüzligi tapyp gelen Bozoklar oturýar. Tagtyň çep tarapynda hem gyrk gulaçlyk agaç dikdirip, onuň üstünde kümüşden ýasalan towuk goýup, düýbünde gara goýun bagladýar. Bu agajyň aşagynda bolsa gijeligi tapyp gelen Üçoklary oturtýar. Şu detallaryň üsti bilen gündüz hem gijäniň hersine bir reňk bermegi islenipdir. Eposda gyrk gulaç agajyň depesinde towugyň/horazyň goýulmagy ol daňyň atyp gelýänini ilki görüp, gije bilen gündüziň çalyşmagyny habar berýär diýen düşünje bilen

bagly bolsa gerek. Biziň ata-babalarmyz ak hem gara goýun bilen bagly bu ynançlary bilen orta asyr Akgoýunly, Garagoýunly Türkmen döwletleriniň adynyň arasynda iýlteşginiň bardygy görnüp dur.



Oguznamada tebigaty düşünmek ugrunda alada edilndigi beýan edilýär. Meselem eposda dünýä inen baş gahryman şeýle suratlanypdyr: «O şol ogulunyň öňligi (ýüzi), çyragy gök erdi, agzy ataş gyzyl erdi, gözleri ala, gaşlary gara erdiler erdi». Göräýmäge bu ýerde üýteşik zat ýok ýaly. Türkmen edebiýatynda “gyrmyzy dodakly”, “ala gözli”, “gara gaş”, “gara saç” ýaly aňlatmalaryň ýörgünlidigi bize belli. Ýöne bu ýerde gahrymana şeýle aňladmalaryň hatarynda şu hili sypatlandyrma berlenok. Olar gadymy adamlaryň öňde gürrüň edilen hyzmatynyň özboluşly beýany bolup durýar. Gadymky adamlar öz daş-töwereklerini günüň hereketine görä, dört tarapa bölüpdirler. Her tarapa bir at

dakyp, şol atlara-da özboluşly häsiýet, nyşan ýöňkäpdirler. Mysal üçin, Çinliler iň gadymy döwürlerde gündogara-gök reňki berip, bahary, günorta-gyzyl reňki berip, tomusy, günbatara- ak reňki berip, güýzi, demirgazyga- gara reňki berip, gyşy aňladypdyrlar. Eposda alnan «O şol oglunyň öňlügi çyragy gök erdi» diýen sözlerden täze doglan oglanyň öňi bahar, ýaşlyk, terlik, göklik manylary gelip çykýar. Beýleki reňklerden hem şeýle netije çykarsa bolýar. Gyzykly ýeri, Mode-Oguz han öz söweş hereketlerini hem şeýle ynançlar boýunça alyp barypdyr. Bu barada gadymy Çin senenamasy şeýle maglumat berýär: «Hunlylaryň atlary günbatarda ak, gündogarda maňlaýy sakgar çal, demirgazykda gara, günortalykda al reňkli bedöwlere münüpdi».

Medeni gahrymanlaryň öz kowumlaryna ilkinji medeni gurallary döredip berýändigi, olary işletmegi öwretýändigi öňde bellenipdi. Bu babatda eposda iki sany özboluşly detal bar. Olaryň ilkinjisi şeýle: Oguz han söweş saparyny dowam etdirýärkä **Itil** diýen uly derýanyň [akarynyň] üstünden barýar. Hanyň özi hem, onuň nökerleri hem derýadan geçip bilmän görgä galýar. Olar derýanyň boýunda ýük ýazdyrmaga mejbur bolýar. Şol wagt goşunyň arasyndan **Ulug ordu bek** diýen bir ezber ýigit çykyp, agaçlary ýykyp, olaryň içini köwüp başlaýar. Agajyň içini köwüp gaýyk ýasaýar. Oguz hanyň goşuny şeýle gaýyklar bilen derýadan geçýär.

Şol wagt içi köwek agaja “gypjak” diýip at dakýar. Soňky oguznamalar görä, **Gypjakalryň** nesili şu adamdan başlanýar.

Eposyň şeýle epizodlaryna Oguz hanyň medeni gahrymanlyk häsýeti belli derejede gowuşýan ýaly bolup görnüýär. Sebäbi medeni garyman ilkinji nobatda nesilbaşy bolmaly. Bu ýerde bolsa täze nesilbaşylar orta çykyp gaýyk, araba, [gaňňa] ýaly medeni gurallary ýasaýar. Munyň özi eposyň peýdasyna. Bu eposyň köp sanly gadymy mipleriň hem rowaýatlaryň esasynda döründigi, onuň sužetiniň ýönekeý däl-de, juda çylşyrymlydygyny, özboluşlydygyny alamatlandyrýar.

--“Men senlere boldum kagan,
--Alýlyň ýaý, dagy galkan,
--Tamga bize bolsun buýan,
--Gök böri bolsungyl ören,
--Demir jydalar, bol orman
--Aw ýerde ýörüsün gulan,
--Dagy talaý, dagy mören[12],
--Gündog bolgyl gök gorgan”.

Bu sözler Oguz hanyň söweş saparyna çykmazdan öňünçä öz adamlaryna ýüzlenip aýdany. Şoňa arkalanyp, biziň iki sany pikri orta atsymyz gelýär. Birinjiden, Görogly gerçek söweşe girmänkä

[12] Akar

öz ýigitlerine ýüzlenip nama aýdandyr. Öz namalary bilen ýigitlerini edermenlige ruhlandyrýar. Olaryň güýjüne güýç goşýandyr. Dimek Göroglynyň namalary öz gözbaşyny baryp oguznamadan alýandygyny görýäris. İkinji pikir. Kä mahal otrup oýa batýarsyň. Köp halklarda özüňden uly adama, köpçülige “siz” diýip ýüzlenmek ýörgünli däp. Emma munuň tersine, Türkmenlerde özüňden uly adama-da “sen” diýilýär. Edil şunuň ýaly, Oguz hanyň bu ýerde uludan kiçä, ähli adama “sen” diýip dur. Eýsem, bu syýlamazlykmy, medeniýetsizlikmi? Ýok, beýle däl. Kaşgarly Mahmyt şeýle bir maglumat ýazyp galdyrypdyr. Onuň ýazmagyna görä, gadymy oguzlar özünden ululara, köpçülige “sen” diýip, beýleki türki halklar bolsa “siz” diýip ýüzlenýänmiş. Görşümiz ýaly, bu biziň gadymdan gelýän milli-etnografik endigmiz bolupdyr. Halkyň şu milli-etnografik endigi onuň gadymy döwürlerde döredilen eposynda hem saklanyp galypdyr.

Orta asyr türkmen şahyry dana ata “Oguznama” paýamasyny özünden külli türkmene nyşan galmagy, ony okap adamlaryň “asyl nesillerini bilmegi” üçin ýazandygyny aýdýar. Dana atadan has ir zamanlarda bir ajaýyp söz ussady, belki-de Ulug han ata, bu temadan şeýle özboluşly eseri ýazyp gidipdir. Özi-de bu eser halka “asyl neslini” has gawy bildirýän eser. Onda halkyň gelip-çykyşy hem, gadymyýeti hem, taryhy hem, ykbaly hem, durmuşy hem bar. Aslynda Oguznama sužetiniň tebigaty şeýle. Şonuň üçin hem

ol diňe çeper garymançylykly, gadymy epos bolman, eýsem, çeper-etnografik eposdyr. Onuň her setrinden halkyň geçmiş däp-dessurlarynyň, ynançlarynyň, ruhy-pesigologik özboluşlygynyň demi urup dur. Biziň şahsy ynanjymyza görä, türkmen garymançylyk epikasynyň, juda gidiberse, onuň çeper pikirlenşiniň gözbaşy, ine, şu oguznamaçylyk däbinden gaýydýar. Biziň gürrüňini edýän oguznama eposumyz bolsa şol gözbaşyň özboluşly bir akabasy.

***Ahmet Bekmyradow***

***Sowet edebiýaty žurnaly 3/1987***

## «اوغوزلارینگ تاریخی و احوالی»

### بسم الله الرحمن الرحیم

### OGUZLARYŇ TARYHY WE AHWALY

Türk taryhçylary we sene ýazarlary, Nuh pigamber, ýer ýüzüniň ýaşalýan dörtden bir bölegini perzendlerine paýlanda, maşryk (gündogar) we Türkistan, şol töweregi uly ogly **Ýafes'**e berdi, diýip rowaýat edýärler. Ýafese, türkler **Uljaý[13] han** lakamyny beripdirler. Onuň ýaýlagy we gyşlagy Türkistanda idi: ýaýlagy Inaç şäheriniň araçäginde-Ortak[Or_dag] we Kurtak[Kur_dag]da idi. Gyşlagy-da Karakum ady bilen meşhur bolan Garagumdaky Barsuk diýen ýerdedi.

Bu iki aralykda iki şäher bardyr: **Talas** we **Kary Saýram** atly, onuň kirk derwezesi bardy, diýseň uly we beýik şäherlerdir. Indi türkler ol topraklarda ýaşaýarlar we Künçi welaýatyna tabyndyr. Uljaý hanyň paýtagty şol ýerdedi.

Ulyjaý hanyň bir ogly boldy **Dib Ýabgu** han atly. (Dib, tagyt we jaý diýmek, Ýabgu-da ilbaşy diýmekdir). Ol uly-meşhur patyşa bolup onuň dört ogly boldy: **Gara han, Or han, Gür han we Güz han.**

Garahan, atasy Dib Ýabgunyň ýerine, tagt we täji kabul etdi.

[13] Uljaý= Uly jaý, hormatly, sylagly, belent mertebeli.

Onuň bir owadan ogly boldy. Han üç gün, üç gije enesiniň süýdüni emmedi, enesi ondan tamasyn üzüp, gaýgy-gamda ýaşaýardy. Bir gije ýatyrka, düýşünde oglunyň özüne bir zatlar aýdýandygyny duýdy. Ogly oňa, eger-de maňa süýdüňi emdirmek isleseň, ýeke hem taýsiz Taňra iman getirip, buýrularny ýerne getir diýip aýtdy. Hatun üç gijeläp şu düýşi gördi we Handan gizlin uly taňra iman getirdi we ellerini göge açyp: **Eý Taňrym, men biçäräniň süýdüni şu oglanjygm agzyna ýokumly eýle,**diýip doga etdi. Edil şol wagt, oglan öz enesiniň süýdüni emmäge başlady.

Bir ýyldan soňra, oglanyň atasy onuň ýüzünde ýetginjeklik we asyllyk nişanalarym gördi we onuň gözelligine we owdanlygyna haýran galyp: biziň il-urugymyzda beýle owadan oglan dünýä gelmändi, diýdi.

Oglan bir ýyldan soňra dil açyp gepläp başlady we “men bir han otagynda dünýä gelenim üçin, adyma Oguz dakyň” diýdi. Oňa Oguz ady dakyldy. Oguz her hili ilim we hünärde, ok atmakda we at çapmakda äleme dessan bolup ulaldy.

Oguzyň atasy oňa öz dogany Güzhanyň gyzyny alyp bermekçi boldy, Oguz kabul etdi we ondan uly Taňra iman etmegini isledi, ýöne gyz kabul etmedi, şondan öteri Oguz oňa ýanaşmady. Oguzyň atasy mundan habarly boldy we ogluna, öz beýleki dogany Gürhanyň gyzyynym alyp berdi, Oguz ondan-da uly Taňra iman etmegini isledi, ýöne gyz oňa razy bolmady we **“eger- de bu işe meni mejbur etjek bolsaň,**

**meseläni ataňa aýdaryn we ol-da seni öldürer”** diýdi. Oguz-da onuň bilen bolan gatnaşygyny kesdi. Şondan soňra Garahan, ogly Oguza öz kiçi dogany Orhanyň gyzyny aldy, bu gyz birgün öz kenizleri bilen akar suwň boýunda gezip ýördi we kenizler eginbaş ýuwýardylar, Oguz-da awdan gelýärdi, ikisi gepleşip başladylar, şonda Oguz oňa öz maksadym: eger aýdýanlaryma gulak asyp olary kabul etseň seni öz hatunym ederin, kabul etmeseň beýleki gelinler ýaly senden-de uzakda galaryn we senden aýrylaryn diýip beýan etdi. Şonda gyz: **men seniň bir bölegiňdirin, buýruklaryňa baş eger saňa tabyn bolaryn:**

**Nirede seniň kalkaň (gulak halkaň) bolsa**
**Ol ýer maňa gulakdyr.**
**Nirede saçbagyň bolsa**
**Ol ýer maňa başdyr**

diýip jogap berdi. Oguz bu gyzy öýe getirdi we oňa ýanaşdy, ony köp söýdi, aýal-da oňa bagly-wepaly boldy we ony söýdi. Oguz ozalky iki geline ýüz öwürmäge dowam edýärdi, olar täze geline göriplik edýärdiler.

Bir gün Oguz öz ýoldaşlary, deň-duşlary bilen awa çykypdy. Şol wagt Oguzyň atasy Garahan toý tutup, oňa gelinlerini-de çagyrdy, saçagyň başynda otyrkalar Garahan birden ozalky iki gelin, soňraky gelen gelinden tämiz, awadan, şeýlem-de bolsa näme üçin Oguz ony söýdikä? diýdi. Ozalky

iki gelin şeýle bir pursatdan peýdalanyp: Oguz bizden uly Taňra inanyp musulman bolmagymyzy isledi, biz onuň aýdanyny etmedik, ýöne soňky gelin onuň sözlerini diňledi we musulman boldy, şondan öteri Oguz bizden daş durdy we oňa ýakynlaşdy, diýdiler. Garahan meseläni soňky gelinden sorady, gelin inkär etdi. Garahan gaharlanyp derrew öz garyndaşlaryny we urugyny ýygnap, olara: oglum Oguz çagalyk zamanmda çenden aşa göwnecaý we bagtyýardy hem-de patyşalyga ukyby bardy, häzirki wagtda onuň öz dininden dönenligini we başga bir Taňry saýlap alanlygyny eşidýärin, bu iş bize ar we masgaraçylykdyr, oňa nähili ses çykarman galyp bolar, diýip ýüzlendi. Geňeş geçirip Oguzy öldürmäge karar berdiler. Ony ýeňip biljek güýç-goşun ýygnadylar. Oguzy köp söýýän kiçi gelin, bu habary oňa ýetirdi. Oguz habary eşidenden soňra, uruşa taýýarlandy (dogrusyn, ýalanyn allah bilsin).

## OGUZYŇ ÖZ ATASY WE AGALARY BILEN SÖWEŞIP OLARY ÝEŇIŞI

Oguz awdan gaýdyp öýüň golaýyna ýetende, atasynyň, agalarynyň (atasynyň doganlary) hem-de gowum-garyndaşlarynyň, özi bilen söweşe taýýar bolup durandyklaryny gördi. Uruş başlandy, şonda Oguzyň atasy Garahan, agalary Gürhan we Güzhan öldürildi we Oguz, olaryň ýerini tutup ýetmiş bäş ýyllap öz uruglary bilen söweşdi. Ahyrsoňy olary ýeňip, aradan çykardy, galanlaryna-da boýun egdirdi we Kara_kuruma çenli bolan ýerleri özüne tabyn etdi. Sag galan uruglar onuň häkimiýetini kabul edip: biziň aslymyz birdir we bir agajyň miweleri we bir köküň şahalarydyrys, bizi ýok etmek üçin beýle tagalla etme, diýdiler. Şonda Oguz olara ýüzlenip: eger- de sizler Taňra inansaňyz, men size aman berip, ýurt edinmek üçin size Türkistany bererin diýdi. Ýöne olar, Taňry we onuň birligini kabul etmekden boýun gaçyrdylar, Oguz-da olary Kara_kuruma çenli kowdy. Olar-da, Tugla derýasynyň boýundaky çöllerde garyplyk we horluk bilen gün-güzeran görüpdirler, şol ýerler olara hem ýaýlag hem-de gyşlag bolupdyr. Olar gamgyn bolup ýaşapdyrlar. Oguz olara **“Mowal/Mugal”** diýip at dakypdyr, ýagni: mydama gam-gussada, ýüregiňiz gysyklykda, biçärelikde bolup, köpek derisini geýip aw etini iýipi, mundan beýläk Türkistana gelmäň, diýipdir. Şonuň üçin türkmenleriň ynamyna görä **“Mogollar**

**Gürhan, Güzhan we Orhanyň nesilinden önüp-ösüp gündogar taraplaryna eýe bolupdyrlar.”** Ýöne olaryň näme bolandyklary (asyl gelip-çykyşlary) anyk belli däl.

Beýleki iki gelniň, taňrynyň birligini kabul edip-etmändikleri we Oguzyň olary-da ýanyna alyp-almandygy belli däl. Bu söweşlerden soňra Oguz, atyndan düşende bir altyn öý salynmagyna buýruk berdi, şol ýerde öz tarapdarlary hem dostlary bilen bir toý tutdy. Özüne ýardam etmek üçin gelip birigen bir halka **“Uýgur”** adyny berdi. Uýguryň manysy: yzyndan giden, uýan, ak maslahatdan çykmaýan diýmekdir.

Ýene bir halka, duşmanlary talap olja alnanda, mal-garalaryň olary daşyp ýetişip bilmeýändikleri zerarly **“Kaňla-Araba”** ýasady, şondan ozal araba hem onuň tigiri-tigirçegi ýokdy we bu zatlary ilkinji bolup şu halk döretdi, şonuň üçin Oguz olara **Gaňakly** (arabaly-arabaçy) adyny berdi. Talas, Saýram we şol taraplaryň goşunlary Oguzyň ülkesine gelip terslik, dikbaşlyk edipdirler. Oguz olaryň üstüne ýöriş geçirip, olary ýeňipdir we Talas hem Saýramdan başlap Mawera-ün Nähri, Buhara we Horezme çenli bolan ýerleri eýeläpdir. Oguz şol töwerekde oturan öz uruglary bilen täze ylalaşyklar baglaşypdyr we: siz meniň mal-mülkime aralaşmaň we ýakyn-ýadyma el gatmaň, men jahany eýeläp almaga aýak basdym" diýip olara aýdypdyr.

## OGUZ BÜTIN ÄLEM ETRAPYNA ILÇILER IBERIP, JAHANGIRLIK DAWASYN ETDIGI

Oguzyň uruglarynyň arasynda agzalalyk ýerne agzybirlik aralaşandan soň, ol ***Hindistana*** ilçiler iberip, ondan paç we mal isledi. Hind halky we onuň ululary ýaman we gödek jogaplar berdiler. Ilçiler gaýdyp gelip, Hindleriň garşy durjagyny Oguz gaşynda beýan etdiler.

Oguz Hind kastyna atlanyp, ýola rowana boldy we bu ýurdy eýeläp başlamagy gündogar tarapdan başlady. Uludag welaýatyna ýetenden soň, bir niçe gün ol ýerde boldy, ondan çykyp Ikariýa [atly ýere] bardy. Ol uly derýa bilen pugta we belent galalaryň arasynda ýerleşen bir dagdyr. Hiç kişi ondan ötüp bilmeýär. Oguz sallar ýasamaklygy buýurdy we [olaryň kömegi] bilen derýadan ötdiler. Bu hile bilen [Oguz] Ikariýany aldy.

Hindiň gündogar gyrasynda bir uly welaýat bardy. Padyşasy Usihi Ogul Numan han atlydy. Ol Oguzyň ahwalyndan ägä bolup, boýun boldy. Oguz onuň ýurdundan çykdygy badyna ol terslik edip, pitne gurnap, garşy durmaga başlady.

Oguz muny eşitgeç, gaýdyp [yzyna dolanyp] ony tutdy we heläk etdi. Bu ýurtdan ötüp haýsy welaýata ýetdigi, olary eýeläp, öz mülküne goşýardy. Bu hasap birle tamam Çin we Maçyn we Tankas diýaryny tutuş boýun egdirdi. Olardan köp mal we olja

birle öz welaýaty bolan Türkistana dolandy. Ol Or_tak we Ala_tak’da menzil mekan tutdy. Almalyk [şäheriniň] ýakynynda Turkunly_dag we Turkanly_dag atly iki belent dag bardy. Turkan we Turkun—iki [sany] otdyr, özleri hem bu dagda bitýändir. Bu ýere ýetip dört günläp boldy.

Inal han, ol bu töwerekleriň padyşasy erdi, Oguzyň garşysyna leşker ýygyp geldi we söweş etdi. Iki tarapdan hem köp adam öldi. Ahyr soňy, sekiz gün gaty uruşyp, Oguz han Inal hany tutup öldürdi. Onuň mülküni hem öz eline alyp, bir niçe wagt onda boldy, soň öz ýer-ýurduna dolandy.

Atlar semränlerinden soň, Oguz demirgazykda ýerleşen ýurtlary basyp almagy ýüregine düwdi. Ýolda emirler birle geňeş gurady. Şeýle karara geldiler: Amuýa[Amy] derýasyndan ötüp hemme welaýatlara ilçi ibermeli, eger boýun bolup mal berseler-ä — gowy, ýogsa söweşip alarys.

Başda ***Garçistan*** tarapa goşun çekip, ilçi iberdi. Olar Oguz mülküniň ilçilerini hezzet we hormat bilen garşyladylar, boýun sunmaklyk guşagyny billerine bagladylar we Oguza hyzmat etmäge başladylar. Muny görüp tamam welaýat: ***Gur, Garçistan, we Gazna, Zabul we Kabul*** boýun egip, mal bermekligi kabul etdiler.

Ondan soň demirgazykda ýerleşen ýurtlary almaga ugrap, ***Başgurda*** baryp ýetdiler. Ol berk we belent gala erdi. Onuň

häkimine Karaşit Ýagy diýr erdiler. Ol Oguz bilen söweş etdi weli Oguz üstün çykdy we ol töwerekleri eýeledi.

Oguzyň rähimliligi we ýüreginiň ýumşaklygy üçin ekabrlar we garry kişiler şol wagtda oňa «Oguz aga» adyny dakdylar.

Kark we Başgurd saparyna ugranda müň öýli Oguza gelip goşuldylar. Olaryň arasynda garry kişiler bar erdi, ejizlik we sowukdan ýaňa olar uruşmakdan galypdylar. Olar öz ahwallaryny Oguza beýan etdiler. Oguz diýdi: «Barçaň munda makam [mesgen] tutuň!»

Ol ýer Akgaýa ýerliginde bolup, Almalyk töwereginde bolmaly.

Olaryň arasynda bir durmuşy gören, hüşgär we akylly bir adam bar erdi. Onuň ady Büşi Hoja, [oglunyň ady] Gara Sülük. Atasy oglyna diýdi: «Siz bilmeýän ýoluňyza barýarsyňyz we araňyzda bir dana garry kişi ýok, eger başyňyza bir müşgil iş düşse, ony size çözüp berer ýaly, meni özüňiz birle saklaň! Bir gün işe ýararym bar».

Ogly diýdi: «Eý ata! Niçik Oguzyň sözüniň tersine gideýin?!» ***Ýöne ahyr soňunda ony bir sandyga salyp, düýä ýükläp, özi birle [nirä barsa] eltýärdi[14].***

[14] Türkmen ertekileriniň birinde bu waka agzalýar.

Kark we Başgurda ýetdiler. Olar jebri köp we aýýar-hilegär kowm erdiler. Gedemlik we tekepbirliklerinden ýaňa olar hiç bir (özge) patyşaga baş egmändiler. Olaryň patyşalarynyň ady Kara Şitdi. Ony Oguz tutdy. Kark we Başgurd il bolup, mal bermegi boýun aldylar.

Ol ýerleriň üstünden ötüp barýardylar, bir çölüň üstünden bardylar, bir damja suw tapylmady. Gara Sülük ol suwsuzlyk halyny atasyna beýan etdi. Büşi Hoja diýdi: ***«Bir näçe sygyry biri-birine baglap, köp ýüwurdip goýberiň. Bir ýerde ol sygyrlar durarlar, aýaklaryny ýere urarlar. Siz şol ýeri gazyň, şol ýerden suw çykar».***

Gara Sülük şeýle-de etdi, suw çykardy we barça halaýyk şad boldular. Oguz bu işi görüp, oňa köp söýürgallar [mal-mülk] berdi, il ýurtçysy etdi.

Oguz oýlandy: «Biz jahany eýelemek üçin älemiň ähli etrapyna gadam goýduk. Ýurdumyz bolsa onda eýesiz galdy. Eger duşmanlar gelip öýlerimizi talasalar, biz bednam (masgara) we duşmanlarymyz şat boldugy bardyr. Nesie umyt üçin nagty elden bermek bolmaz».

Şol sebäpden Oguz ýer-ýurduna dolanyp, ol ýerlerde köp imaratlar bina etdi we aýş-eşret birle anda gününi ötürýärdi.

## OGUZYŇ KILBARAK GOWMI BILEN EDEN SÖWEŞI

Kilbarak welaýaty diýeni, garaňkylyk tarapynda ýerleşýän bir ülkedir. Bu halkyň erkekleri gara reňkli we gelşiksiz suratly, ite meňzeş, aýallary bolsa awadan tämiz ýüzlidir.

Oguz olaryň golaýyna baranda dokuz atlyny ilçi edip olaryň ýanyna iberdi we: ýurtlaryň köpüsi bize boýun egip il boldular we mal berýärler, siz-de il bolup salgyt tölemekligi kabul edip söz berseňiz ne ýagşy, kabul etmeseňiz-de söweşe taýýarlanyberiň, biz derrew geleris, diýdi. Olar ilçilere şeýle jogap berdiler: Siz dokuz adamsyňyz, eger biziň iki adamymyz bilen deň gelip döwüşip bilseňiz, biz mal-salgyt bermäge razy bolup boýun bolarys, eger-de siz ýeňilseňiz, bu ýerden yzyňyza gaýdyp gidiň. ilçiler beýle döwüşmegi ar-namys bilip olara şeýle jogap berdiler: Biziň iki adamymyz siziň iki adamyňyz bilen söweşsin.

Kilbaraklylaryň adatlary şeýledi: döwüş ediljek wagty iki hawuzdan birisini ak ýelim, beýlekisini-de gara ýelim bilen doldurýarlar. Döwüşden ozal, ak ýelimli hawuza girýärler, ýelim olariň gyllaryna ýapyşýar, şol hawuzdan çykyp-da gumda agynýarlar-togalanýarlar, soňra gara ýelimli hawuza girip çykyp ýene gumda agynýarlar. Bu iş üç ýola gaýtalanýar we şondan soňra olariň endamlaryna hiç hili ýarag täsir edip bilmeýänmişin.

Kilbaraklilardan iki adam şeýle edip Oguzyň iki ilçisi bilen döwüşe başlaýar. Kilbaraklylaryň adamlarynyň endamlaryna hiç

hili ýarag täsir edip bilmän duran we şol iki adam, Oguzyň iki ilçisini öldürýärler. Galan ýedi adam, gaýdyp gelip bu bolan zatlary Oguza aýdypdyrlar. Oguz bu sözlere gulak asman, gidip kilbaraklylar bilen söweşe girişdi, duşmanlar üstün çykdylar we Oguzyň goşunlaryndan kän adam öldürildi, galanlary-da dargady. Oguz bu işde söweşiň peýda bermejekligine göz ýetirdi, yzyna gaýtdy we ýolda uly bir çaýyň başyna geldi, ondan sal we gämi bilen geçdi, esgerlerden çaýy ýüzüp geçenler-de boldy. Oguz öz dargan goşunlarny ýygnamak maksady bilen iki suw arasynda düşledi.

Oguzyň adamlaryndan birisi Baraklylaryň tarapynda, aýallaryň arasynda gizlenip galypdyr. Bu hatynlaryň ärleri kirli-hapa ýüzli we it ýaly bolandyklary üçin aýallar Oguzyň bu esgerini begendiler, we hemmesi onuň ýanyna ýygnandylar, oňa ýanaşmak islediler. Bir sawgat hökmünde ony Itbaragyň (Kilbaraklaryň serdary) aýalynyň ýanyna eltdiler. Hatunyň bu erkek bilen sözleşmegi we oňa ýanaşmagy ony hoşal etdi, çünki özi, äri bilen sözleşip oňa ýanaşyp bilmeýärdi we şonuň üçin köp gamgyndy. Itbaragyň hatunu bu esgeriň işlerini we hereketlerini görüp onuň serkerdesi-Oguza gaýybana aşyk boldy.

Itbaragyň hatuny ýaşrynlykda Oguza ilçi ýollady we: eger-de duşmany ýeňip ülkesini almak isleýän bolsaň demirden tikenler ýasap her kişi üç ýanyna baglasyn, uruş wagty şol tikenleri duşmanyň üstüne sepsinler. Sepilen tikenlerden atlanyzyň

aýaklaryna ziýan ýetmez ýaly mynasyp nal kaksynlar. Duşmanyň ýüzüne-ýelim degmedik ýerlerine nyşana alyp, ok (ýagmyr ýaly) ýagdyryň.

Oguz bu habary eşidip köp hoşal boldy we bu iki suw aralygyny özüne karargäh edindi we on ýedi ýyllap şol ýerde galdy. Gämiler ýasatdy we gelşikli ýigitleri, Itbaragyň hatynlaryna ilçi edip ýollap durdy. Hatynlaryň köp ýardamyny gören bu erkekler, Oguza gerek bolan hemme ok-ýarag (esbap-şaýlary) ýuwaş-ýuwaşdan eýelediler we olary Oguza ýolladylar. Käbir hatynlar-da, bu erkekleri örän köp söýendikleri üçin olar bilen bile Oguzyň ýanyna gaýtdylar. Şeýdip şol ülke gola salyndy-eýelendi.

Oguz bu ýerde on ýedi ýyl galyp dem-dynç aldy, öz ok-ýaraglaryn täzeledi. Şu wagtyň dowamynda bäbekler ulalyp ýaş-ýetginjek bolup ýetişdiler. Oguzyň-da bir heleýinden dört ogly boldy, olar-da ulaldylar.

Şu aralykda, Oguzyň esgerleriniň birisiniň heleýi göwreli boldy, onuň äri söweşde heläk bolupdy. Şol söweş meýdanynda heleýiň öz bäbegini dünýä getirjek wagty golaýlaşýardy. Golaýda içi oýulan bir agaç bardy, şol aýal, şol agajyň köwegine baryp ol ýerde bäbegini dünýä getirdi. Bäbegi, Oguzyň ýanyna alyp gelenlerinde, hal-ýagdaýy oňa aýtdylar, Oguz bäbegiň adyny **Gypçak** goýdy (Gypçak diýip içi oýulan-çüýrüýen agaja aýdylýar we türkleriň pikirine görä hemme gipçak halky bu nesilden önendir).

Oguz Kilbaragy alandan soňra, ýene iki ýyllap şol ülkede galdy. Her kimi kanunlar bilen tertip-düzgüne saldy. Birgün, golaýlykdaky Garaňky-Zulmat welaýatyna tarap ýola düşdi. (Allah- u A'alam: dogrusyn hudaý bilsin).

## OGUZYŇ ZULMAT ÜLKESINE SAPARY WE OL ÝERIŇ AHWALATYNYŇ BEÝANY

Oguz Karakulun (Kara-Hulun) serhedine ýagny Zulmat ülkesine baranda, garaňkylyk sebäpli oňa girmek mümkin bolmady (kyn boldy). Oguzyň ýakynlary we akyldarlar geňeş edip maslahatlaşsalar-da ol peýda bermedi. Şonda Gara Sülük atasyna geňeşe bardy we kyn işi oňa aýtdy, şonda atasy Büşi hoja: "Dört kürreli gysrak, dokuz kürreli eşek bilen, kürrelerini ýagtylykda baglap, olary münip zulmata (garaňkylyga) girsinler, maksat hasyl bolandan soň yzlaryna dolansynlar, ol gysraklar we eşekler öz kürrelerini idäp ýoly ýalňyşman çykararlar" diýip aýtdy. Gara Sülük bu haly Oguza beýan etdi we ol Oguza makul hem makbul geldi. Onuň buýrugy bilen zulmata girip, üç gün ýol ýöridiler. Birdende sag (sag hem sol) tarapdan sesler gelip başlady: Her kim bu zulmatdan (öz ýany bilen) näme göterip çyksa öküner, hiç bir zat alman çykan-da ököner. Zulmata gidenleriň köpüsi hiç zat almadylar, käbirleri az-da bolsa bir zatlar alyp çykdylar.

Aýdyňlyga gelenlerinde, alnan zatlaryň hemmesiniň gymmat baha zatlar (daşlar), jöwherlerdigini gördüler. Şoňa görä alan-da pyşman (az aldym diýip) almadyk-da (zat almadym diýip) pyşman boldy.

Ol ýerden Kilbarak bilen Atil (Itil) arasynda ýerleşýän sessiz-üýnsiz bir sähra ülkesine tarap hereket etdi, olar bilen söweşdi we hökümdary şol ýerde öldürildi. Şol ýurdy alyp, ýurdy tertip salmak, salgyt düzgünini ýola goýmak işleri bilen ugraşyp, üç ýyllap ol ýerde galdy. Ol ýerden Hazar Derbendine göçdi. Bu Derbendiň serhedlerine gelen wagty **Uşi hoja** (Büşi hoja) ogly Gara Sülüge: "Goşunymyz bir gezek ýeňilipdi, bu habar ile we ýagylara ýetipdi, şonuň üçin ýüz çemesi atlyny ýurdumyza ýollaýly, olar biziň saglygymyzy, uruşlarda gazanan üstünliklerimizi, öýlermize we ýurdumyza ýetirsinler, urug we esgerlerimiz eşidip begensinler, duşmanlarymyz-da gynansynlar, elimize geçen hemme hazynalary-da äkitsinler, at-abýarymyz äleme ýaýrasyn" diýdi. Gara Sülük bu geňeşi Oguza ýetirdi, ol-da mundan geljek peýdalary bilip, maslahat gördi we Gara Sülüge sawgatlar berdi (öz halatyny-da oňa berdi).

Ýüz gaňly (araba) adamy bu işe belledi, hemme hazynalary we baýlyklary olar bilen iberdi. Oguzyň zamanynda altyn uçly ok we ýaý bardy. Oguz öz iki altyn uçly ok we ýaýyn, özüniň alamaty hökmünde olara berdi. Gaňlylar her bir welaýata baranlarynda şol ok-ýaýlary görkezýärdiler, halk-da olaryň mal-garalaryna we

özlerine gerek iýmitleri berip olara hyzmat edýärdi.

Gaňlylaryň başynda Barmaklyk Çosun Billig bardy. Oguz bulara öý, hazyna berip urugyň özi gaýdyp barýança gorap saklamaklygy buýruk berdi. Ýene ýedi günläp ol ýerde galandan soňra Oguz, Derbende tarap göçdi. Bu ýeriň halky galtaman-ogrudylar. Ýol kesip ýolagçylaryň mallaryny talaýardylar. Olar, Oguzyň esgerleriniň köpüsiniň atlaryn-da ogurladylar. Oguz Gara Sülügi çagyryp: “Bu ýer bize dar we köp howply geçelgeli, bu ýere bizi sen getirdiň hem-de bu ýerde ogrular köp, olara garşy nähili çäre görmeli” diýdi. Bu ýeriň bir tarapynda deňiz beýleki tarapynda-da howply geçelgeler bar. Gara Sülük-de munyň çözgüdüni atasyndan sorady. Ýaşuly adam şeýle diýdi: “Derbend welaýatynyň dört burjunda ekilip goýlan ekinleri we bar bolan agaçlary harap-weýran etmeli, bu welaýat örän dardyr, bir tarapy deňiz, bir tarapy-da dag bolany üçin, hemme ediljek işler şäheriň golaýynda (daş-töwereginde) edilmeli, tä, welaýatyň ilaty ejiz galyp boýun egmäge razy bolana çenli”. Gara Sülük maslahaty bolşy ýaly Oguza aýtdy. Oguz-da onuň aýdanlaryn kabul edip, olaryň welaýatlaryny her tarapdan talap, weýran etdi. Tomus aýlaryndan bahara (ýaza) çenli ol ýerde galyp Derbendi gabadylar. Derbend halky bu işleriň garşysynda çäresiz galyp-horlandylar, özara geňeşdiler we olar dokuz at ýükli peşgeş bilen Oguzyň hyzmatyna gelip oňa boýun egdiler. Oguz, olary görüp, dokuz gyr aty-da kabul edip: “Näme üçin munça wagt biz bu ýere gelenimiz

bäri, bize boýun egmän, bize garşylyk görkezip baş galdyrdyňyz” diýip sorady. Olar Oguzyň jogabynda: “Biziň aramyzda köp diwana- däli we akylly kişiler bardyr. Şu wagta çenli diwanalaryň sözüne amal kilip geldik, ýöne ýalňyş iş edenimizi bildik. Indi akylly kişiler bize nesihat etdiler, biz-de tagat we gulluk kemerini bilimize guşap hyzmata gelendiris” diýip jogap berdiler.

Oguz olara ýüzlenip: “Siz öz günäleriňize boýun bolan bolsaňyz-günäleriňizi kabul eden bolsaňyz, men-de günäňizi geçip hemmäňizi bagyşladym, ýöne halkyňyz biziň iki atymyzy ogurlap gidipdirler, men şol iki aty köp söýýärin-gawy görýärin, eger-de şol iki aty tapyp getirmeseňiz, biriňizi-de diri goýmaryn” diýdi. Olar ogurlan atlaryň hemmesini Oguza getirdiler, ýöne şol iki at olaryň arasynda ýokdy. Oguzyň göwni şol iki atdady. Oguz olara köp gaharlandy, ýöne olar ýene bir aý möhlet islediler we Oguz oňa razy boldy. Ahyrsoňy şol iki aty tapyp Oguzyň huzuryna getirdiler, Oguz begendi we olara söýgi-mähir görkezdi.

Oguz raýaty gorap saklap we mal (salgyt) jemläp biljek Şähneler/ garawullar belledi we özi Şirwan we Şamahy taraplaryna ugrady.

## OGUZYŇ ŞAMAHY WE ŞIRWANA ILÇI ÝOLLAMAGY

Oguz Derbend welaýatyndaky işlerini gutarandan soňra Şamahy we Şirwana ilçi ýollap şu habary berdi: “Bu ýere gelenimizi eşidensiňiz, ýetip baran her bir welaýatymyz, biziň buýruklaymyza boýun bolup, aýdanlarymyzy diňlediler, ýolumyzyň ugrunda bize tabyn bolmadyk ýurt, boýun bolman, tagat-gullugy kabul etmedik bir hökümdar goýmadyk, eger-de indi siz öz islegiňiz bilen bize il bolsaňyz, jogap ýollap gulluk görkezmegiňiz gerek, eger-de boýun gaçyryp dikbaşlyk etjek bolsaňyz, söweşe taýýar boluň, biz-de şu ilçileriň yzyndan derrew gelýäris." Bu habar olara ýetende, Oguzyň ilçilerine köp hezzet-hormat etdiler, tagat-gulluk ýoly bilen, sawgat edip-de dokuz gyrat ýolladylar, özleri-de şäheriň daşyna çykyp Oguzy garşy almaga taýýar boldular. Oguz, Şamaha baranda ondört günläp ol ýerde galdy. Şu günlerde Şaberan (Şirwan) welaýatynyň ilaty öz salgytlaryn getirip hazyna tabşyrdylar, ýöne Şamahnyň ilaty salgytlaryn tabşyrmakda gijä galdylar, ylalaşyk ýolundan aýrylyp ýene duşmançylyk ýolun tutdylar we garşylyk görkezip başladylar. Oguz her kimiň bir gujak odun getirip Şamahy gapysyna we töweregine ýygnamagy ýasak (buýruk) etdi. Esgerleriň hemmesi gidip her gaýsi bir gujak odun getirdi, olar ýakyldy. Gapy we galalar ýandy, söweşip şäheri aldylar hem-de taladylar. Şonda Şamahynyň ilatyndan aýal hem oglanlary (erkek-gyz) alyp

gitdiler. ilatyň ýaşululary öz eden işlerinden puşman bolup, şäheriň gapysynda Oguzyň huzuryna gelip, özleriniň bagyşlanmagyny haýyş etdiler.

Oguz, ilaty öz salgytlaryny bermegini, dikbaşlyk etmezliklerini şert goýup ilatyň hor ýagdaýyny görüp aýal we oglanlary azad etdi (yzyna berdi), ýöne salgyt aldy, Şähne belledi, ol ýerden-de Arran we Mugan taraplaryna ýola düşdi.

## OGUZYŇ ARRAN WE MUGAN TARAPYNA ÝÖRIŞI

Oguz Şirwan taraplaryndan ýola düşüp Arran we Mugana geldi, şol wagt tomus aýlarydy, hawa gaty gyzgyndy, şonuň üçin ol ýerlerde galmak mümkin däldi, ylalaşyp ýaýlagy daglara gitdiler. Gyş gelende ýene bu ýerlere gelip bu welaýaty-da alarys diýdiler. Tomus aýlarynda bu welaýatyň ýaýlag we daglaryna, Sebelan daglaryna, Aladag hem *Agdyböri* daglaryna gar ýagdy (Rowaýatlara görä, Aladag adyny olar goýupdyrlar we Sebelan diýip-de olar atlandyrypdyrlar. ***Türkçede orta çykyp dik duran zada Sebelan diýerler***). Ýaýlagda galan wagtlary, bu töwerekde bolan hemme ülkeleri gola geçirip özlerine tabyn etdiler. Azerbaýjan welaýatyny-da aldylar. Özlerine derek atlary, mal-garalary, otlaglary (öri meýdanlary) giýň bolan Ujan sährasynyň otlagynda beslediler. Şol ýerlerdäkiler bir gün, her kimiň bir etek toprak getirip şol ýerde bir depe etmeklerini buýruk

berdi, ilki başda özi (Oguz) bir etek toprak getirip dökdi. Uly bir depe emele geldi. Bu depäniň adyna Azerbaýjan diýdiler ***(Azer türkçede beýik diýmekdir, baýjan-da baýlaryň-ulularyň ýeri diýmekdir)***. Bu ülke şeýdip meşhur boldy. Bu gün-de Azerbaýjan diýmekleriniň sebäbi ine şudur. Şol tomus möwsiminde Oguz Aladagda ýaýlag etdi, ol ýerden Bagdad, Gürjüstan, Diýarbekr we Ragga tarapyna ilçiler ýollap, gelýärin diýip habar berdi. Gelişinden habardar bolmaklary we oňa nähili jogap berýändiklerini biljek boldy. Eger-de baş egip il bolsalar we salgytlaryny her ýyl biziň hazynamyza getirip berseler ne ýagşy, ol ýere goşun gitmez, eger-de öz pikirine minasyp jogap bermeseler, olary ýola getirmek üçin hüjüm etjekdi. Ilçiler şol töwerege ýollananlaryndan soňra gyş, Arran we Mugan taraplaryna geldi. Kür we Aras çaýlarynyň arasynda ýurt edindi, gyşy şol ýerde geçirdi. Şol töweregiň hemme halklaryny özüne il etdi (tabyn etdi). Ýaz gelende-de, dürli ülkeleriň hökümdar we soltanlaryna ýollan ilçileri gaýdyp geldiler. Diýarbekr, Ragga we Bagdada giden ilçiler, bu töweregiň hökümdarlary "Oguz bir gelsin göreýli, uruşarsmy ýa-da il bolarysmy şol wagt jogap bereris" diýdiler diýip habar getirdiler. Gürjüstana giden ilçiler, ol ýeriň hökümdarynyň "biz uruşa taýýar" diýip aýdandygyny beýan etdiler.

Oguz ozaly bilen Gürjüstana habar ýollap, derrew gelýärin, taýýarlygyňyz bolsa görüberiň, soňra Oguz duýdansyz-habarsyz

gelip çozdy diýmäň, diýip olara duýduryş berdi. Uruş meýdanynyda siz belli ediň, nirede taýýar bolsaňyz biz şol ýere bararys, diýip Oguz gaýgysyz gürledi. Ýaz gelip atlar semrände Oguz Gürjüstana tarap ýola düşdi, Gürjüstanyň golaýlaryna baranda, Gürjüler 3-4 günlük ýola öňe gelip söweşe taýýar bolup durupdyrlar.

Derrew söweşe başlandy. Oguzyň goşuny üstün çykdy. Iki gije-gündiz dowam eden uruşdan soňra Gürjüler gaçdylar. Ýöne olar ýene ýygnanyp gaýta uruşmaga başladylar. Emma Oguzyň goşunlarynyň garşysynda jydap bilmejekdiklerine göz ýetirip, Oguzyň huzuryna gelip il boldular. Töwerege hat-permanlar ýollap, gorkup dargan ilaty ýygnanmaga we Oguza salgyt tölemäge çagyrdylar. Oguz bir aý on bäş günläp Gürjüstanda galdy. Soňraky tomus möwsiminde Aladaga çykdy. Aladaga ýetip barmaga bir näçe günlük ýol galanda Gürjüleriň salgyt tölemäni, Oguzyň bellän şähnesini ülkelerinden kowup, ýagy bolandyklary barada habar gelip gowuşdy. Oguz bu habary eşidende öz alty ogluny çagyrdy we olara şeýle diýdi: “Men bu gowmy-Gürjüleri synap gördüm, olaryň nähili adamdyklaryna gowy göz ýetirdim, olar bir hüjümden känine jydap bilmezler, olaryň üstüne uly goşun ýollamaga ýa-da meniň gitmegime gerek ýok”. Her ogluna iki ýüz esger berip olary Gürjüler bilen söweşe ýollady. Gürjüler bilen söweşde Oguzyň ogullary, olary ýeňdiler. Şol wagt öz atalaryndan (Oguzdan) ilçi geldi we hemme esgerleriň şol tomus iýjek-geýjekleriniň Gürjülerden ýygnanmagy buýrugyny getirdi.

Bu habar Oguzyň ogullaryna gelip ýetende olar talaňy güýçlendirdiler we köp mukdarda iýmitleri ýygnap atalaryna getirdiler. Şeýle-de şähnelerini belläp salgytlaryň mukdaryny aýtdylar we Aladaga gaýdyp geldiler. Olar, ýagşy iş edendikleri üçin Oguz olary sylaglandyrdy we “men dirikäm eden uly hem peýdaly işleriňiz we at-abraý gazanmagyňyz, men ölemden soňra-da ýerimi almaga laýykdygyňyzy görkezdi” diýdi. Soňra ilçiler ýollap hemme gyşlaglardaky esgerleriň ýygnanmagyny we Kürdüstana tarap ýola çykylmagyny isledi.

## OGUZYŇ DIÝARBEKR WE ŞAMA ÝÖRIŞI

Oguz öz esgerlerini çagyryp ýygnandan soňra Kürdüstana tarap ýola düşdi we üç ýyllap Kürdüstanyň daglarynda ýaşady. Bu daglary galtamanlardan arassalap, olaryň baryny-ýoguny talady, şäheriň ilaty hem-de sähralarda ýaşaýan halky öz taraplaryna çekip olara salgyt belledi. Oguz ol ýerden-de Diýarbekre gitdi we Erbil, Musul we Bagdadyň ýaşululary onuň huzuryna gelip il boldular, oňa dürli sowgatlar berdiler.

Oguz şol gyş möwsiminde Dijläniň boýunda gyşlag etdi, ýaz gelende-de Şama tarap ugrady we öz alty ogluny Mangala [habarçy] edip öňden ýollady, özi-de olaryň yzyndan ýöridi. Ragga gelenlerinde, şäheriň hemme ýaşululary olary garşy almak üçin daşary çykdylar. Ogullar, öz atalary yzdan gelýär diýip ýaşululary onuň öňünden çykmaga ýolladylar. Olar, Oguzyň

huzuryna bardylar. Oguz olary görende olary sylady we bir şähne belläp şäherlerine iberdi. Şunlukdan Oguz Şam ülkesiniň niresine barsa halk, öz isleg-arzuwlary bilen il boldy. Ýalňiz türkleriň Batak şäher diýip atlandirýan we üç ýüz alty gapysy bolan Antakýa şäheri Oguza garşylyk görkezip başlady. Ol bir ýyllap söweşdi, ahyrsoňy ol-da boýun boldy. Oguz şähere girdi we bir altyn tagt gurup oňa çykdy. Ýanyndaky togsan müň esgeriň hemmesini, aýal-oglanlary bilen birlikde şähere äkitdi we ol ýerde oturdy. Soňra Dameşk (Şam) we Misira özüniň gelendigini bildirmek üçin ilçiler ýollady. Her bir ilçiniň ýany bilen bir ýüz sany esger-de ýollady. Şondan soňra Oguz öz goşunynyň her bölüminden bir ýüz esger aýyrdy we olary alty ogly bilen birlikde Tekür (Tekfur) hana iberdi. Oguzyň ogullary ol ýere golaýlanlarynda Tekür olaryň esgerleriniň ýagdaýyny görmek üçin ilçi ýollady. Olaryň urp-adatlaryna görä ilçi bolup gelenlere hiç hili zyýan ýetirilmeýärdi. Oguzyň ogullary Tekfurdan gelen ilçileri görüp olar bilen sözleşdiler. Olar gaýdanlarynda, öz ilçilerini-de olar bilen bile ýolladylar, we “atamyz bizi habarçy (Mangala) edip dokuz müň esger bilen ýollady, özi-de uly bir goşun güýji bilen gelýär, eger-de il bolup salgyt tölemegi kabul etseňiz we ony her ýyl hazyna iberenligiňizi bilsek size hüjüm etmeris, söweş isleýän-de bolsaňyz bir ýeri belläň we uruşmak üçin ol ýere geliň” diýip Teküre habar berdiler.

Bu alty oguldan iň ulusynyň ady **Gün han** ikinjisiniň ady **Aý**

**han**, üçünjisiniň ady **Ýyldyz han**, dördünjisiniň ady **Gök han**, bäşinjisiniň ady **Dag han**, we altynjysynyň ady-da **Deňiz handyr** .Bu ogullaryň ilçileri Tekfuryň ýanyna baranlarynda Tekfur “ertir pylan ýere geliň söweşeýliň” diýip jogap beripdir. Ertesi gün şol ýere gitdiler, söweşdiler we Tekfury ýeňdiler.

Tekfuryň goşunlaryndan köp adamlar öldürildi. Olary iki gije-gündiz Tekfuryň şäherine barýançalar kawaladylar. Şäheriň golaýlaryna gelnende ilat özara ylalaşyp Tekfury tutup olara berdiler. Olar-da Tekfury ýetmiş adam bilen birlikde, Antakýa (Oguz aganyň ýanyna) iberdiler. Paýtagty we ýurdy eýelediler, ýöne talaňçylyga we ilatyň öldürilmegine ýol bermediler.

Oguzyň ogullary şäheriň daşynda düşdüler we öz atalary Oguza ilçiler bilen şeýle bir habar ýolladylar: Eger-de Tekfury öldürmek niýetiňiz bar bolsa, bize buýruk beriň ýurdy talap size mal-hazyna ýollaýly, bu mesele barada bir üm-işarat berseňiz ýeterlikdir, eger-de ony bagyşlap günäsini we ganyny geçýän bolsaňyz ony öz ýurduna ýollaň, hökümdarlygy oňa bermek isleýän bolsaňyz mal hem salgydyny-da belläp ony yzyna iberiň, şeýdip biz halkyň yanamyn gazanarys, buýrugňyza boýundyrys. Ilçiler, Tekfury Oguzyň huzuryna getirenlerinde Oguz oňa söweşiň nähili dowam edendigini, özi bilen ogullary arasynda nähili hadysalaryň ýüz berenligini sorady. Tekfur ýüz beren hadysalary birin-birin aňlatdy, söweşde öz goşunlarynyň ýeňlişe ugranlygyny, ogullarynyň özlerini paýtagta çenli

kawalandyklaryny, paýtagtyň ýaşulularynyň özara ylalaşyp ony ogullaryna teslim edendiklerini beýan etdi. Tekfunň sözi gutarandan soňra Oguz ondan, öz ogullarynyň şäheri talap-talamandyklaryny sorady, Tekfur, olaryň talaňçylyk edendiklerini görmänligini aýtdy we bilmeýärin men ol ýerdekäm hiç ýeri talamadylar, şäherden daşarda çölde galdylar” diýdi. Oguz, şäherleri talamazlyk barada ogullaryna gaty tabşyryk berenligini aýtdy, olaryň-da şeýle edendiklerini eşidende oňa köp hoşal boldy. Ellerini asmana sary galdyryp, ýüzüni taňra tarap çöwürdi we ogullarynyň öz sözünden çykmandyklaryna we olaryň öz başarjaňlyklary bilen, atalarynyň ýerine geçmäge mynasypdyklaryna şükür etdi.

Oguz şondan soňra Tekfura ýüzlenip: “Sen ilki maňa tabyn bolman garşylyk görkezen-de bolsaň, söweşen-de bolsaň, hemme günäleriňi bagyşladym, seni öz ýurduň başyna gaýta ýollap saltanaty saňa berjek. Mundan beýläk dos-dogry we ýüregiňizi tämiz edip bize tabyn boluň, her ýyl meniň ýaşaýan ýerime pul (hazyna) we mal iberiň. Tekfur bu sözi eşiden wagty kellesini ýere goýup, gulluk şertlerini we dogany ýerine ýetirip şeýle jogap berdi: “Hemme ýurtlar seniň emriňde we häkimiýetiňdedir, meniň ýalylar we menden has gawy milionlarça insan, seniň buýrugyň astyndadyr. Seniň buýrugyňa garşy gelmek üçin meniň ýalylaryň güýji-kuwaty ýokdur. Her ne emir etseňiz kabul edip boýun egerin. Eger-de (Oguz) merhemet edip meni bagyşlasaňyz

gulluk eder we her ýyl saňa mal-hazyna ýollaryn we gulluk hususynda hiç hili kem durmaryn.”

Bu mesele bir ýüzli bolandan soňra Oguz, Tekfurdan Rum we Fereň ülkeleriniň ýagdaýy, goşunlary hem ýaşaýan ýerleri, olaryň üstüne goşun ýollajak bolsa, ol ýerleri nähili gola salyp biljekligi barada sorady. Tekfur-da jogabynda Fereň (Pereň) ülkesini almagyň ýoly: “Ýagşy halatlar-sawgatlar bilen ol ýere ilçiler ýollaň, ululary göwnini gazanyň, ilçiler olara halatlar geýdirsinler we salgyt tölemekleri gerekdigini aýtsynlar, men-de ýaşrynlykda olara bir hat ýazyp öz ilçimi ibererin we şu meseläni ýagşy biliň! Bu gowum gaty güýçlidir, güneşiň dogan ýerinden bu ýere çenli her ýeri özlerine tabyn edendirler we hiç bir janly olaryň garşysyna çykyp bilmez, iň ýagşysy, mesele söweş bilen gutarmanka, insanlar ölüp ýurt harabaçylyga aýlanmaka boýun boluň, berjek salgytlaryňyzy belläň, olar siziň sözüňize inanyp hazynany kabul ederler, olara tarap esger ýollamagyň geregi ýok diýerin” diýdi.

Ýöne Rum ülkesine gelenimizde; olaryň gyşlagy deňize golaýdyr we gaty yssy bolar, olar barada-da şeýle etmelisiňiz: Olar gyşlaga inip soňra ýaýlaga çykmak islärler, olar ýaýlaga gelmezinden ozal, esgerler gidip olaryň ýaýlaglaryny eýelemeli we gyşlaglaryndan çakmaga ýol bermeli däl. Gyşlaglarynda yssydan hem mör-möjekden oturmak mümkin bolmajagana görä, ejizläp siziň bilen il bolmaga boýun bolarlar” diýdi. Tekfuryň bu sözlerini Oguz

uýgun gördi we ony öz ýurduna we saltanat merkezine gaýta ýollady. Özi bilen birlikde gelen ilçileri we ony ýur- duna eltip tagtyna çykarjak elli sany atlyny hem ýanyna goşdy. Öz oglanlaryna-da goşunlary bilen birlikde yzlaryna gelmäge buýruk berdi. Oguzyň ogullary atalarynyň huzuryna geldiler. Tekfur Oguza köp sawgatlar ýollady. Öz paýtagtynda oturyp Oguza gulluk etmäge başlady. Tekfuryň ýurdy şeýdip Oguza tabyn bolandan soňra, ol Pereň we Rum diýaryna tarap ugrady.

## OGUZYŇ, OGULLARYNY GOŞUN BILEN PEREŇ WE RUMA IBERMEGI

Tekfur Oguza il boldy. Ol ondan Pereň (Fereň) we Rum ahwalyny anyk diňlap üç oglum: Gün, Ýyldyz we Deňizi (Hanlary) dokuz müň adam bilen Rum ýurduna iberdi. Beýleki üç ogluny, Aý, Gök we Dagy (Hanlary) dokuz müň adam bilen Pereň diýaryna iberdi. Tekfur bular bilen biledi we olara tabyndy. Olary derýa gyrasynda bir ýagşy ýerde ýerleşdirdi. Olarm özlerine hem mal-garalaryna uýgun ýer belledi. Pereňe-de ilçiler ýollady. ilçiler ol ýere baranlarynda Oguzyň ýollan halatlaryny tabşyrdylar we olary ululara (ýaşululara) geýdirdiler. Tekfur ilki öz ilçilerini ýollap, hal-ahwaly olara bildiripdi we Oguzyň sözüni diňläp oňa tabyn bolmaklaryny tabşyrypdy. Olar-da garşylyk görkezmän boýun boldular. Mal-hazyna ýygnap Oguzyň ogullarynyň ýanyna

getirdiler, ýöne olar kabul etmäni: “Oguzyň ýanyna-gapysyna barmak gerek” diýdiler. Olar-da mallaryny we hazynalaryny alyp Oguzyň hyzmatyna ugradylar. Oguz bu habary eşidende: “Müňmüň esger ýaraglanyp olaryň ýollarynyň ugrunda dursunlar, preňliler, çerikleri-esgerleri görende, gözlerine iki esse köp görünsin” diýdi. Pereňden gelen topar Oguzyň huzuryna baranda Oguz olara: “Bu sizlere garşy iberen goşunyň başydyr, on esse köp goşunym bardyr, eger şol goşunlara garşylyk görkezip bilseňiz, biziň bilen uruşarsyňyz, ýogsa-da eglişik ýolun tutup, berilmeli maly-hazynany anyklap ýyldan-ýyla iberip durarsyňyz. Ýagşy biliň, biziň goşunlarymyz siziň hyýal-pikir edýäniňizden artykdyr. Derýalanňyzdan-da hiç gorkymyz ýok. Çünki biz çykyp gelen ýurdumyzdan bäri, niçe uly derýalardan geçip bilendiris. Siziň bu derýaňyz biziň esgerlerimize uly päsgel däl. Olar, aty sal ýerine we gamçyny-da kürek ýerine ulanyp bir sal ýasarlar-da, geçerler we ýurduňyzy-da agdar-düňder ederler” diýdi. Olar bu sözi eşidip Oguz aga bize bir şähne belleseňiz-de biz oňa mal-hazyna getirip tabşyraýly diýdiler. Oguz-da olara ýüzlenip “Öz meýliňiz bilen salgyt tölemäge gelişseňiz, Tekfur hanyň ýanynda bellän şähnämiz size-de ýeter, her ýyl salgytlary oňa eltip beriň, ol maňa ýollar, her iki ýylda bir ýola urugyňyzdan bir adam ýanyma gelsin, men oňa halat berip yzyna ýollaryn” diýdi. Bu söz gutarandan soňra olara bu ýurtda ýörgünli adata görä salgyt belledi we olary yzyna ýollady. Bu ilçiler başga bir wagt huzura geljek

bolanlarynda, şu gezek edişi ýaly ýene şeýle edilsin we olar Oguzyň goşunynyň nähili uludygyna göz ýetirsinler we öz ýurtlaryna gaýdyp baranlarynda Pereň patyşasyna aňlatsynlar diýip Oguz buýruk berdi. Ilçiler öz başlaryndan geçenleri patyşalaryna aňlatdylar we ol çuňňur pikire batyp, meýletin mal bermegi kabul etdi we Oguza boýun boldy. Oguz patyşa bolup ýaşan wagty her kim oňa we soňra ogullaryna salgyt töledi, tölemeýänler bilen söweş edildi.

## OGUZYŇ RUMA GIDEN OGULLARYNYŇ RUM GOŞUNLARY BILEN SÖWEŞLERINIŇ BEÝANY

Oguzyň ogullary esgerler bilen Ruma ýetip baranlarynda Rumlar üç ýerde olar bilen söweşdiler, ýöne hemmesinde ýeňildiler. Ahyrsoňy Rumyň ýolbaşçylary, Oguzyň ogullary bilen söweşip bilmejekdiklerini aňlanlarynda, ýygnanyp olaryň ýanyna geldiler. Her ýyl mal-hazyna ýollap durjakdyklaryny aýdyp, Oguza we ogullaryna gamyş_gulak atlar sawgat berdiler. Oguzyň ogullary, gelen ýolbaşçylara näme üçin ilki başda tabyn bolman özleri bilen söweşendiklerini soradylar, eger-de il bolup boýun egen bolan bolsaňyz munça adam ölmez we ýurt weýran bolmazdy, diýdiler. Olar, siz bilen uruşanlar diwana adamlardy, biz bolsa dünýä gören we onuň yssysynyň, sowugynyň tagamyny dadan adamlardyrys, söweşi bes edip boýun bolmaklygy maslahat

gördük, kabul ýa-da ret etmek siziň bilen, diýdiler. Oguzyň oglanlary, olaryň tämiz ýürek bilen özlerine il bolandyklaryna ynandylar we olara: Atamyz bize, kim il bolsa oňa aman beriň we üstlerine hüjüm etmäň diýip nesihat berdi, biz-de onuň nesihatyndan çykan däl, ýurduňyzyň bir çetinde oturýarys, hiç kime we ýurduňyza hüjüm etmeris, siz-de bir ýaşuly topary atamyzyň (Oguz aganyň) ýanyna iberiň, ol näme diýse ol bize buýrukdir, diýdiler. Ýaşulular topary bilen Oguz ogullarynyň ilçileri-de Oguzyň ýanyna gitdiler. Oguz olary görende edilen söweşler barada, ogullarynyň ýagdaýy barada olardan sorady, oňa hadysalar bolşy ýaly aýdyldy. Oguz ýaşululara hormat goýdy we her ýyl beriljek mal-hazyna bellendi. Öz goşunlarynyň pereňlilere nähili görkezen bolsa, olara-da görkezdi. Oguz ilçilere halat berip ýola saldy. Ogullary öz esgerleri bilen atalarynyň ýanyna geldiler. Oguz, ogullarynyň başaran işlerine begendi we bir toý tutdy, her ogluna bir altyn kürsi berdi. Ogullary bilen bile giden emirlere-de halatlar berdi we: öz ogullaryna kürsi berip sizlere halat geýdirmegimiň sebäbini bilýärsiňizmi? diýip olardan sorady. Ogullary we emirler “ony iň ýagşy siz bilýänsiňiz, biz näbileýli” diýip jogap berdiler. Oguz-da: Alty oglumy bir gezek Şama iberdim, olar ýagşy işler etdiler, ikinji gezek üç oglumy Pereňe, ýene üçüsini Ruma iberdim, ýene ýagşy işler bitirdiler. Hatda basylyp alnan ülkeleri talamazlyk barada çykaran buýruk we permanlarymy birkemsiz ýerine ýetirdiler, meniň sözümden daş

çykmadylar, öz pikirlerini-de maňa aýtdylar, ine şondan öteri olardan we sizlerden göwnüm hoş, olaryň patyşalyga, sizleriň-de emirlige laýykdyklaryňyza göz ýetirdim, şonuň üçin-de olara altyn kürsi we sizlere-de halat berdim" diýdi. Şondan soň Pereň, Rum we Antakýa işlerini düzgüne koýmak üçin ýene üç ýyllap ol ýerde galdy, soňra Dameşk tarapyna ýola düşdi.

## OGUZYŇ HEMME GOŞUNY BILEN DAMEŞKA TARAP ÝÖRIŞI

Oguz, Rum, Antakýa we Pereň welaýatlary bilen bagly işlerini ýola goýandan soň, Dameşk welaýatyna tarap ýola çykdy we Dameşk şäherine geldi. Dameşklylar onuň bilen söweşmek niýetindediler. Ýöne Oguz bu barada meýilli däldi. Dameşk şäheriniň golaýynda düşläp üç gün ol ýerde galdy we söweşe girişmedi. Ogullary oňa, uruş barada ses çykarman oturmagyň sebäbini soradylar. Oguz olara şeýle jogap berdi: "Siz Adam Aleýhissalamyň bu topraklarda ýatandygyny bilmeýärsiňiz, şonuň üçin men haýran galyp otyryn we söweşe razy däl, ilçi-de ibermek islemeýärin, göreýli iş nirä barýar we olar näme ederlerkä?". Gelenine üç gün bolan-da bolsa Oguz olara hiç bir ilçi ýollaman, öz uruş tekliplerine-de hiç hili jogap bermänsoň, Dameşklylar Oguza ilçi ýolladylar, onuň ýany bilen-de On eşek

ýüki-harwar (her harwar-da 300 kg agyrlyga barabardyr) ýaý-da iberdiler. ilçiler Oguzyň huzuryna geldiler we aýtjak zatlaryny aýtdylar, Oguz-da şeýle jogap berdi “Siziň we ýaşulularyňyzyň-ýolbaşçylaryňyzyň ses çykarman durmaklarynyň sebäbi näme? Näme pikir edýärsiňiz, men bu ýere gelenimden bäri indi-şu gün ýanyma geldiňiz? Eger-de uruşmak isleýän bolsaňyz, Antakýa goşunyndan güýçli däldirsiniz, goşunlarynyň hemmesi bu ýere gelip ýetmändikleri üçin men sabyr edip otyryn, şondan öteri-de size hiç kimi ýollamadym, iň ýagşysy siz gidiň we ulularyňyza, bu hal-ahwaly aýdyň, gelip boýun bolsunlar, biz Misira tarap barýarys we siziň bilen söweşmek islemeýäris, aslynda siziň bilen söweşmegiň bir manysy ýok, siziň berjek mal-hazynaňyza derek şu ýaýlary kabul edýärin, ondan başga bir zat bermegiňizi-de islämok” diýdi.

Dameşk ilçisi yzyna gaýtdy we Oguzyň aýdanlarym öz ulularyna aýtdy. Bu sözler olara-da makul geldi we kabul etdiler. Ýüz eşek ýüki ýaý jemläp, olaryň ýany bilen birnäçe arap aty-da alyp Oguzyň huzuryna geldiler we il bolup oňa tabyn boldular. Oguz olary güler ýüz bilen garşy aldy, hormat etdi we şeýle diýdi: Ýurduňyzyň ýaýlary diýseň ýagşy bolany üçin, esgerlerimize gerekdi, näçe ýaý getiren bolsaňyz olary esgerlere paýlaň, her birine üç ýaý beriň, eger-de hemmesine ýetse, onda olary şu ýylyň mal-hazynasy (salgydy) diýip kabul edýärin. Indi men Misira tarap ýola çykmakçy hoş-sag galm, Taňry ýol berip sag-aman

gaýdyp gelenimde, siziň öz razyçylygyňyz bilen tölejek mal-hazynaňyzy belläris. Ol ýene bir aýlap Dameşkda galdy, bir aýdan soňra öz goşunlary bilen Misira tarap ýola düşdi.

## OGUZYŇ MISIRA TARAP ÝÖRIŞI WE OLARY ÖZÜNE TABYN EDENLIGI

Oguz, Dameşgi il edenden soň Misira tarap ýola düşdi. Üç günläp ýol ýörip bir ýerde iki günläp düşlediler. Her müň kişiniň gije iki-üç ýola yzyna gaýdyp, gündiz göç edip goşuna birikmeklerini buýruk berdi. Şeýdip goşunlaryň sanyny, bolşundan kän görkezjek bolýardy. Soňra Misiriň nähili alynjaklygy, olaryň nähili il ediljekligi barada geňeş geçirdi. Üç ogluny dokuz müň adam bilen öňden iberdi. Bir ogluny ýene dokuz müň adam bilen olaryň yzyndan iberdi, özi uly goşun bilen olardan soňra ýola düşdi. Özi ýola düşen güni, goşa at bilen ilçi ýollap, ogullarymy şeýle goşun bilen iberdim, özüm-de olaryň yzyndan uly goşun bilen barýaryn diýip habar berdi. ilçileri ýola salyp özi şol ýerde galdy, ogullary özlerine berilen goşun bilen gitdiler. Oguz Dameşk we Guta töwereklerinde, Kudus we Halyl welaýatynda we şol ülkelerde gyşlag edindi we awlap ýördi. Dameşklylar-da Misira bir ilçi ýollap, Oguzyň goşun ýagdaýny we olar bilen söweşip bolmajaklygyny bildirdiler. Bu sözler, Misirlilere uly täsir etdi. Oguzyň ogullary Misiriň golaýlaryna

baranlarynda, Misiriň hemme ululary olary garşyladylar, olara sawgatlar berip tabyn we boýun boldular. Hazyna iberiljek mal bellendi we Oguzyň ogullary bir ýyllap Misirda galdylar. Esgerleriň hiç kimiň janyna, malyna we namysyna degmezlikleri barada buýruk çykaryldy. Ýöne her ýyl gelmek kyn bolar diýip, üç ýylyň salgydyny ozaldan tabşyrmaklary karar edildi, ýagny alty ýylyň salgydyn iki gezekde beriň diýyldi. Şol ýyl, üç ýylyň salgydyn alanlaryndan soňra Oguzyň buýrugy bilen ogullary gaýdyp gelip atalarynyň huzuryna çykdylar. Oguz ýene bir ýyllap Dameşk welaýatynda galdy, şonda Dameşkyň tölejek salgydy-da bellendi. Adam Aleýhissalamyň mazarynyň şol ýerdedigini eşidip, Mekke we Medinä ilçiler ýollap ol ýerlerden biraz toprak getirilmegini buýruk berdi. ilçi gidip topragy getirdi. Oguz şol topraklardan bir mukdaryny öz üstüne sepdi we taňra şükür etdi, ogullaryna we beglerine (emirlerine): **“Adam toprakdan ýaradylandyr, biz-de hemmämiz toprak boljakdyrys, ynsan nähili güýçli bolsa-da, muny ýatdan çykarmaly däl we ýagşylyk etmelidir, ýamanlyk däl”** diýip aýtdy. Şondan soňra ýazda *Balbek* daglarynda, salkym hawaly ýerlerde ýaýlag tutdy. Tomusda Bagdada barmak kyn bolar, biraz wagt geçip hawalar salkynlaşanda Bagdada tarap ugrarys diýdi. Ýaz-tomus ol ýerde galdy we hawalar salkyn bolanda Bagdada tarap ýola düşdi.

## OGUZYŇ BAGDADA WE BASRA TARAP GITMEGI

Oguz, Bagdada tarap ýola düşüp Diýarbekre baranda, Bagdadyň ýaşululary huzura gelip boýun boldular. Oguz Bagdada bardy we bir aýlap ol ýerde galdy. Ýurduň ululary onuň bilen bilediler. Soňra şäherden çykyp tä hawa yssy bolýança gyşlag tutdy. Ondan soňra Kürdistan daglaryna baryp ol ýerde ýaýlag kyldy. Güýz gelende Basra tarap ugrady. Basra halky-da beýleki welaýatlaryň halky ýaly boýun boldular, il bolup salgyt tölediler. Oguz ol ýerden **Huzistan** taraplaryna gitdi we şol töweregiň hemme welaýatlaryn özüne tabyn etdi. Hemmesi mal-hazyna berdiler.

Oguz soňra **Lor** (Loristan) daglaryndan geçip **Ispahana** bardy, ispahanlylar boýun bolmadylar, aýak diräp uruşa girişdiler, olar asla galalardan daşaryk çykmadylar. Oguz ispahaýň öňünde on müň adamdan ybarat bir goşun goýdy we Ispahanlylar galalardan çykyp söweşmek isleseler söweşiň diýdi. Oguz belli aralyklarda öňki on müň adamy yzyna çagyryp täze goşun ýollaýardy, beýleki esgerler ispahan şäherini talaýardy. Oguz üç ýyllap bu welaýatda galyp hemme şäherleri talady. Üç ýyldan soňra hemme esgerler ispahan galasynyň öňünde ýygnandy, ýedi gije-gündiz Ispahan goşunlary bilen uruşdylar, ýöne netije bermedi. Ahyrsoňy, Gara Sülük, atasy Uşi Hojanyň ýanyna gitdi, oňa geňeşdi, ol-da “Goşunyň ýarysy gizlensin, galan

ýarysy söweşsin, eger ispahanlylar galadan çykmasalar, olaryň, şäheriň daşyndaky hemme bag-bakçalaryn, öýlerini diwarlaryn ýykyp weýran ediň, soňra esgerleriňiz hamana ýeňilen ýaly bolup gaçsyn, olar-da siziňkileriň yzyna düşerler, mazaly şäherden uzaklaşanlarynda, siziň gizlenip oturan goşunlaryňyz olary yzyndan gabasynlar, ine şol wagt, ispahanlylar ýeňilerler, yzlaryna gaýdyp şähere girmelerine ýol bermäň hemmesini öldüriň" diýip maslahat berdi. Gara Sülük muny Oguza aýtdy, Oguz bu ugry begendi we ogullaryn kyrk müň esger bilen gizledi, elli müň adam bilen-de gara Sülügi şäheriň derwezesinde ispahanlylar bilen söweşe ýollady, töweregi weýran edip ýakmaklaryn-da buýruk berdi. Şol hal-ahwaly gören ispahanlylar, aldanyp galadan çykdylar we Oguzyň goşuny bilen söweşe girişdiler. Ozalky hilä görä Oguzyň goşunlary ýeňilen ýaly bolup gaçmaga başlady, ispahanlylar-da olaryň ökjesine düşdiler we şäherden mazaly uzaklaşdylar, edil şol wagt gizlenip ýatan Oguzyň ogullary kyrk müň esger bilen olary gabadylar, şäherden çykanlaryň ýekejesini-de şähere salmadylar, baryny gyrdylar. Şeýdip ispahany aldylar.

Şondan soňra Oguz, ogullarynyň dördüsini **Pars** we **Kerman** taraplaryna ýollap, şol welaýatlary tabyn etmeklerini buýruk berdi.

# OGUZYŇ ÖZ OGULLARYNY PARS WE KERMANA ÝOLLAMAGY

Oguz öz ogullaryndan dördüsine Pars we Kermana gidip şol ýurtlary gola geçirmeklerine buýruk berdi. Ogullary öz atalarynyň buýrugy bilen şol diýara tarap ýola çykyp, ilki Kermana baryp ol ýerde söweşdiler. Ispahany nädip alan bolsalar, Kermany-da şeýle edip aldylar, ýöne köp zähmet çekmeli boldular. Ol ýerde öz işlerini gutaryp azad-rahat bolanlaryndan soňra Pars welaýatyna geldiler, ilki Şirazy aldylar, bir ýyl çemesi bu iş dowam etdi we Oguz ogullary ol ýerde galmaly boldular.

Her tarapy alanlaryndan soňra öz atalaryna habar ýollap, şondan soňra ediljek işleri we ilata nähili çemeleşjekdiklerini soradylar. Oguz olara şeýle buýruk berdi: “Bu ülke alnyp tabyn edilen bolsa, olary talamaň, berjek salgytlaryn belläp, üç ýylyň salgydyn öňünden alyp yzyňyza gaýdyň". Oguzyň buýrugy birkemsiz ýerine ýetirildi we Oguzyň ýanyna gaýdyp gelindi. Soňraky üç ýylyň salgyt töleme wagty gelende Pars we Kermana goşun ýollandy we ol ýerler gola salyndy, salgytlar bellendi we şähnelerde saýlandy. Oguz şol wagta çenli Ispahanda galdy we ol ýerden aýrylmady.

Oguzyň öz ogullary gaýdyp gelenden soňra, **Irak-y Ajemi** almak niýeti bardy. Şol ýurduň ilatynyň hal-ahwallaryn barlap görmek üçin ol ýere ilçiler ýollady.

## OGUZYŇ IRAK-Y AJEM TARAPYNA ILÇILER ÝOLLAMAGY

Oguz, bu ady agzalan ýurtlara eýe bolandan soňra Irak-y Ajemi gola geçirmek isledi. ilki 200 adamy ol ýere ýollady. Bular, şol ýerlerden maglumat ýygnap, patyşalar hem galalar barada seresaply bolmalydylar. Oguz olara, alabilejegiňiz kiçi ýerleri alyň, emma uly we berk ýerlere hüjüm etmäň, diýip tabşyrdy. Bu iki ýüz adamyň baran ýerlerinde: **Reý, Gazwin, Hemedan** we beýleki şäherleriň halklary Oguzyň we onuň goşununyň güýç we gudratyndan ozal habarly bolup, olarda Oguza uly hormat we sylag duýgusy oýanypdir. Ol ýeriň ilaty, Oguzyň üstüne esger ýollap, adamlar ölüp ülke weýran bolmazdan ozal, Oguzyň huzuryna gelip, tölenjek salgytlary belläp, ony her ýyl hazyna ibermekden başga bir ýol görmändiler. Bu barada Irak-y Ajem halky, Oguzyň ýanyna baryp, tölenjek salgytlary belläp, onuň razyçylygy bilen ýurtlaryna dönmäge özara ylalaşdylar. Olar Oguzyň ýanyna baran wagtlary bahar başlanypdy, Oguz olaryň ýurtlaryna tarap ýola çykjak bolup taýýarlanýardy. Şol wagt ýanyna baran ýerliler bilen ylalaşan Oguz olary yzyna ýollady.

Oguz soňra **Demawende** tarap ugrady. Ol ýerde ýaýlag gurjakdy. Ýolda şeýle bir hadysa boldy: Göwreli gartaň bir aýalyň ogly bolupdyr, ýöne iýmäge bir ýapraklary-da bolmansaň aç galypdylar. Özi bir zat iýip oglanyna süýt berer ýagdaýda däldi, oglan-da aç galypdy. 2-3 gün soňra bir sülgün tutan şagalyň

üstünden bardylar, aýalyň äri şagaly urup sülgüni alyp, bişirip aýalyna berdi. Bir näçe gün soňra Oguzyň yzyndan ýetdiler. Adam Oguzyň huzuryna gelende, Oguz ondan niredediň näme üçin yza galdyň diýip sorady, adam aýalynyň oglany bolandygyny we şondan öteri gijä galandyklaryny aýtdy, ýöne Oguz onuň bu sözüni halamady, aýal, oglan dogurdy diýip yza galmak bolarmy? diýip oňa gaharlandy we siz şeýle sebäp bilen yza galdyňyz onda siz bu ýerde galyň diýip aýtdy (ýagny bu ýerde **gal-aç**). Olar-da şo taýda galdylar we wagtyň geçmegi bilen şol söz ***Galaç-Halaç*** boldy we Halaç nesli şol adamyň nebereleridir, diýilýär. Soňra Oguz Demawende gidip ýazy ol ýerde geçirdi, güýz gelende-de **Mazenderan** we şol töwerekleri almaga niýetlendi.

## OGUZYŇ MAZEDERANY, GÜRGENI, DEHISTANY, HORASANY, KÜHISTANY GOLA GEÇIRMEGI

Oguz, Demawendden Mazenderana (**Amul, Sary, Astrabada**) tarap ýola düşdi. Bu welaýatyň dürli şäherlerinden käbirleri meýletin boýun boldy, käbirleri-de söweş bilen gola geçirildi. Oguz, gyşy ol ýerde geçirdi we dürli ýerlere şähneler belledi. Tomus gelende Demawende gelip ýaýlag kyldy. **Gürgen, Dehistan** we şol töwereklere ilçiler ýollap, olaryňam ýolbaşçylaryny-ulularyny boýun egdirdi. Bu ülkeleriň ilaty-da Oguzyň huzuryna gelip bellenen salgytlary kabul etdi we üç ýylyň

salgydyny birden tölemeli boldy. Oguz soňra **Horasana** tarap ýola düşdi we **Esferaýin, Keran we Sebzewar** il bolup oňa tabyn boldular. **Nişaburyň** ilaty boýun bolman söweşe taýýardyklaryny bildirdi we şäherden daşaryk çykmadylar. Oguz bu ülkede gyşlag kyldy. Bahar (ýaz) gelende-de, Nişabur we **Tus** şäherine ýönelip olary aldy, tomusy şol ýerlerde geçirdi, gyş bolanda-da **Ebiwerd** (Bawerd), **Serags we Mary** töwereklerine gelip ol ýerleriň hemmesini boýun egdirdi. Olardan üç ýylyň salgydyny öňünden aldy. Tomus **Herata** gelip ol ýerde ýaýlag kyldy, Heratyň salgydyny belläp ilatdan aldy. Şeýdip **Kuhistan** welaýatyny we şol töwerekleri alyp salgytlaryny belledi we her üç ýylda bir ýola, üç ýylyň salgydynyň tölenmegi karar edildi. Güýzde Heratda boldy. Bir ogluny ol ýerden (ähtiýäç üçin) dokuz müň esger bilen **Basra** taraplaryna ýollady. Bu, ilatyň her haýsam-da bolsa bir ýol bilen öz sözlerinden dänip, bellenen salgytlary tölemekligi gijä goýmazlygy üçin, patyşa Oguzyň onçakly uzakda däldigini aňlatmak maksadynda edilen işdi.

Üç ýylyň salgydy alyndy, soňraky üç ýylyň salgydy-da bellendi, Oguz men-de gidýärin diýip bir habar ýaýradyp oglum dokuz müň esger bilen her kimden galan üç ýylyň salgydyn almaga ýollady. Oguzyň ogly atasynyň buýrugy bilen Basra taraplaryna ýöneldi, baran ýerlerinde üç ýyllyk salgytlaryň hemmesini almak üçin habar ýaýradyp töwerege ilçiler ýollady. Bu salgytlaryň hemmesini ýygnap öz atasyna äkidip bilmek üçin, olaryň Irak-y

Ajemde ýygnanmagy karar edildi. Ogly olary ýygnap atasyna eltip berdi. Şu geçen üç ýylyň içinde Oguz, Herat, Sarags we Baýgyzda (Badgisda) oturypdy.

## OGUZYŇ ÖZ ÝURDUNA DOLANYŞY WE ÖMRÜNIŇ SOŇKY ÝYLLARY



Öz ogly ýanyna gelende Oguz öz welaýatyna-ýurduna (Or_tak we Kür_taga) gitmäge karar berdi. Basym baryp bilmek üçin-de Gur Garjistan ýolundan gidilmegini buýruk berdi. Ýolda uly bir daga baryp ýetdi, şonda şeýle bir hadysa boldy: Bu daga köp gar ýagypdy we şondan öteri-de Oguzyň goşunyndan iki-üç maşgala yza galypdy. Ýöne hiç bir janlynyň goşundan yza galmaga haky ýokdy, Oguz bu habary eşidende "Nä hili bolýar şeýle gar ýagdy diýip ýoldan galýarlar" diýdi. Onsoň şol birnäçe maşgala **KARLUK** ýagny **Garlyk** lakamyny berdi. Häzirki **Karluk-Garlyk** ilaty, şol iki-üç maşgaladan önüp-ösenler (gowumlar) bolmaly.

Oguz şol dagdan ötüp Amuýa derýasyna ýetip (bu

Semerkanda tarap akyp barýan derýadyr) ondan-da geçip Buhara serhedindäki **Ýalguz Agaja** baryp ol ýerde düşledi. Ol ýerde birnäçe gün galyp soňra öz ýurduna tarap ýola çykdy. Bu ýolagçylyk (öz ýurdundan çykyp ýene oňa gelmegi) 50 ýyl çemesi wagt alypdy. Öz ýurduna ýetip barýarka, ozal ondan aýrylyp galan Kaňlylar we Uýgurlar Oguzy garşy almak üçin dokuz günlük ýola çykyp oňa sawgatlar berdiler. Oguz sag-salamat ýurda gaýdyp geleni üçin togsan müň goç bilen dokuz ýüz gysrak kesilmegini (öldürilmegini) buýruk berdi, uly toý tutuldy, altyn öýi saldyrdy.

Bu toýdan soňra özi bilen bile jahangirlik saparyna çykan, özi bilen bile sag-salamat gaýdyp gelen Oguzyň ogullary bir gün awa gitdiler. Şonda altyn bir ýaý bilen üç altyn ok tapdylar, olary atalaryna getirip berdiler, ol-da **ýaýy üçe bölüp iň uly üç ogluna** we **oklaryň her birini-de beýleki kiçi ogullaryna** berdi we ýaýlary beren ogullaryndan önüp ösenlere **Boz_ok,** özlerine ok beren üç oglundan önüp-ösenlere-de **Üç_oklar** diýilsin diýip karar etdi. Ýene ýaý beren ogullary uly mertebeli bolup, ok berenleri kiçi bolarlar, şondan öteri, ýaý, patyşadyr we ok bolsa ilçidir, diýip aýtdy. Şeýle düzgün bilen ýurtlaryny-da belledi, ýaý berenlerine sag tarapy we ok berenlerine sol tarapy belläp berdi.

Oguz toýda eden çykyşynda, men ölemden soňra eger-de **Gün han** şol wagt sag bolsa hemme ýerim-ýurdum we tagtyma ol eýe

bolar diýdi. Gara-Sülügi-de köp öwdi we ondan ýol boýy beren nesihatlaryny kimden öwrenendigini sorady, ol-da, garrylary ýola çykarmaň diýen-de bolsa Oguzyň sözüniň tersine ýola çykaran öz atasynden öwrenendigini açyk-aýan aýtdy. Oguz Uşi hojany ýanyna çagyrdy, oňa halatlar-sawgatlar berdi we Gara-Sülüge-de Emir-i Agzam (uly beg) lakamyny berdi. Bu zatlaryň hemmesi şol toý mahalynda boldy. Soňra Oguz öz ýurduna indi, onuň Müň ýaşanlygy aýdylýar.

Şondan soňra öz goşuny bilen şol ýerde ýaşap başlady. Ýöne aýdyşlaryna görä bir gezek "Gylbarak" ýagy bolupdyr we salgyt ibermekden saklanypdyr. Oguz Gypçaklary ol ýere ýollap Atil (Itil) we Ýaman-su boýlaryna çenli baryp oturmaklaryny we ol ýeri özlerine ýurt edinmeklerini buýurdy. Gypçaklar, Gylbarak, Derbend we şol töwereklerde bolan ülkeleriň salgytlaryny ýygnap hazyna iberdiler. Şonuň üçin Gypçaklar ol ýerde galyp ýurt edindiler. Oguz müň ýaşandan soňra wepat etdi.

## OGUZYŇ OGLY GÜN HANYŇ PATYŞALYGY

Oguzdan soňra uly ogly Gün han onuň ýerine geçdi. Ol tagta oturan wagty ýetmiş ýaşyndady we ýetmiş ýyllap-da patyşalyk etdi, ondan köp ýaşamady. Oguzyň wepatyndan soňra, onuň Ýeňi kent/ täze şäher adynda bir şäher saldyranlygy belli boldy. Bu şäheriň häkimligini akylly bir adam bolan **Irgil hoja** beripdir

(Irgil, bir zady özüňe çekmek we hoja-da uly, dana diýmekdir).

Irgil hoja bir gün Gün hana: “Oguz uly bir patyşady, ýer ýüzüni öz erkine alyp köp hazyna we sansyz mal-gara ýygnapdy, häzir olaryň hemmesi siziňkidir, siz alty dogan bolup her biriňiziň-de dört ogluňyz bar, olaryň arasynda soňra agzalalyk çykmagy mümkin, şoňa görä olaryň her biriniň ady, lakamy, derejesi we işi bellensin, her biriniň-de bir tagmasy bolsun, şonuň bilen tanylsyn we özara agzalaçylyk-da bolmasyn, olaryň oglanlary-da öz ýerlerini bilsinler, şeýle etmek, döwletiň yzygiderliligi üçin hem-de urugyňyzyň at-abraýy üçin gerekdir” diýdi.

Bu sözler Gün hanyň hoşuna gitdi we Irgil hoja, aýdanlaryny ýerine ýetirmegi buýruk berdi. Irgil hoja Üçoklara-da, Bozoklara-da (24 Perzende) tagmalar belledi, olaryň lakamlaryny-da aýtdy, mallardan haýsylarynyň Ongun (azyk) boljaklygyny-da bildirdi. Ongun, Gutly-mübärek bolsun diýmek bolýar.


OĞUZ BOYLARININ TAMGALARI
GÜN HAN (BOZ OK)
KAŞGARLI
KAYI
KAŞGARLI
BAYAT
KAŞGARLI
ALKAEVLİ
KAŞGARLI
KARAEVLİ
AY HAN (BOZ OK)
KAŞGARLI
YAZIR
KAŞGARLI
DÖGER
KAŞGARLI
DODURGA
YAZICIOĞLI
YAPARLI
YILDIZ HAN (BOZ OK)
KAŞGARLI
AVŞAR
YAZICIOĞLI
KIZIK
KAŞGARLI
BEĞDİLİ
YAZICIOĞLI
KARKIN
GÖK HAN (ÜÇ OK)
KAŞGARLI
BAYINDIR
KAŞGARLI
BEÇENEK
KAŞGARLI
ÇAVULDUR
KAŞGARLI
ÇEPNİ
DAĞ HAN (ÜÇ OK)
KAŞGARLI
SALUR
KAŞGARLI
EYMÜR
KAŞGARLI
ALAYUNTLU
KAŞGARLI
YÜREGİR
DENİZ HAN (ÜÇ OK)
KAŞGARLI
İGDİR
KAŞGARLI
BÜGDÜZ
KAŞGARLI
YIVA
KAŞGARLI
KINIK

## GÜN HANDAN SOŇRAKY OGUZ ÝABGULARY

Gün han ýetmiş ýaşynda tagta eýe bolup ýene ýetmiş ýyllap patyşa bolandan soňra aradan çykdy. Gün hanyň ogly **Dib Ýabgu** patyşa boldy. Öz atasynyň ady dakylan Dib Ýabgu, emirlerden we erkan-i döwletden: Oguz atam şeýle köp ülkeleri nähili alypdyr, nireden-nirä barýança eýeläpdir, diýip sorady. Şolaryň arasyndan **Ulaş** we **Ulad** adlarynda, Salur/ Salyr kowmundan iki (ata-ogul) adam öňe çykyp, diz çöküp, salamlap: Gündogardan günbatara çenli bolan hemme ülkeleri seniň ataň-atalary eýeläpdirler, biz-de seniň bilen bile bolup saňa goldaw- ýardam bereris, saňa garşy gelip salgyt tölemejekler bar bolasa, şeýle bir garşylyk berip ýok edip, seniň atalaryň we ataň at-abraýy baky galar ýaly ederis, diýdiler. Hiç bir kimse, saňa salgyt tölemezlik edip saňa garşylyk görkezip bilmez. Dib Ýabgu bu sözleri eşiden wagty köp begendi we özi-özüne: ýurdy bolşy ýaly saklap bilmek, şu iki akylly adamyň sözlerine gulak asmak bilen mümkin bolar, diýdi. Olara köp sylag etdi we siz, biziň bilen bile boljagyňyzy aýtdyňiz, beýleki kowumlar-da şeýle ederlermikä? diýip Dib Ýabgu sorady. Olar "Ýazar (Ýazyr) gowumyndan **Alan** adynda bir beg bar, onuň-da **Bulan** adynda bir ogly bar, olar biziň bilen biledirler, ýene **Dib Çenkşu (Çebeşku)** we ogly **Dürkeş (Derkeş), Başbek (Daşbek)** we ogly **Balgu bek (Baýgu bek)** bular Dögerlerden

bolup biziň bilen biledirler we Baýindirlardan **Tülü (Kulu) hoja-da** biziň ýanymyzdadyr, duşmanyň bolan her ýere biziň bile göçerler we seniň üçin-de ölerler” diýip aýtdylar. Dib Ýabgu bu sözleri eşidende köp begendi we munça gowum biziň bilen bir bolsa işler ýagşy bolar diýip oýlandy. Şondan öteri, ady agzalan gowumlaryň begleriniň atalaryn öz ýanyna çagyryp, olaryň oglanlaryn ilçi edip K.r.l. (Kark), Şam, Başgurd, Pars, Kerman, Ispahan, Bagdad we Basra iberdi. Olardan, bu ýurtlardan üç ýyllyk salgytlary alyp gelmeklerini isledi. Olaryň baran ýurtlaryndaky ýolbaşçylar boýun boldular we töwerekdäki hanlar- da tabyn bolup salgytlary tölediler. Ýabgu niçe wagtlap patyşalyk etdi, ýöne Ad.n Ý.m.kän oňa ýagy boldy we şol ýurduň halky tabyn bolmaýardy. Bu ýer, gündogarda bir welaýatdy, adyna **Ýemekän (Ýemekler)** diýýärdiler. Ýagny güýçli-kuwatly ynsanlar bolup olardan iki adam, beýleki On adam bilen deňdi. Olarda, güneş dogan wagty laňňyra çalmak adaty-da bardy. Dib Ýabgu han, olaryň üstüne hüjüm etdi, olary mugyra getirenden soňra yzyna gaýdyp geldi. Ýöne ol takdyra boýun bolmaly boldy: atynyň aýagy büdräp ýere ýykylanda bud süňki döwlip wepat boldy.

Ondan soňra **Kors (Kurs) Ýabguý** onuň ýerine patyşalyk tagtyna oturdy, onuň orunbasary **Alyş okly badyn Olsun**’dy**.** Kors, her işini oňa geňeşýärdi. Ol otuz ýyl patyşalyk kyldy, soňra ogly **Korus Ýasak Ýabguý han** onuň ýerine patyşa boldy. Ol-

da togsan ýyllap patyşalyk etdi.

Ondan soňra ogly **Inal Ýabguý han** ýerine geçdi. Rowaýata görä ol ýüz ýigrimi ýyllap patyşalyk etdi. Hökmürowanlygynda ol, özüniň weziri, orunbasary hem begleri bolan **Karu (Kaýi-Baýat) Dede Kerenjük** Salyrlardan **Damkak** we ýene Salyrlardan **Öksi** bilen geňeşip, maslahatlaşýardy. Şol wagtlar hemme ýerde asudalyk berkarardy. Onuň patyşalyk wagty gutarandan soňra ogly **Inalsir Ýabguý han,** ýurtda tertip-düzgüni ýola goýup edil 7 ýyllap patyşa boldy. Weziri Salyrlardan **Öksi hoja** bilen Ýiwalardan **Şaban hoja**dy. Ýedi ýyl dowam eden patyşalygy wagtynda ol, öz ogly **Ala Atly Gyş Donly Gaýy Inal han'dan** razydy. Şonuň üçin özi ýaşap ýörkä, patyşalygy oňa berdi we ony patyşalyk tagtyna oturtdy. Ine şol wagt, Muhammet peýgamber dünýä inýär we ol, Baýat Dede Kerenjügi Hz.Resulyň ýanyna ilçi edip ýollaýar we musulman bolýar. Kerenjük, Gorkut-Baýat neslinden bolan Kara Hojanyň ogly, ol köp akylly, bilgili hem keramatlydyr. Inal han Sir Ýawguý zamanynda orta çykýar. Bu sözleri rowaýat edeniň sözlerine görä, ol iki ýüz togsan bäş ýyl ýaşapdyr. Onuň aýdan dana sözleri, keramatlary, onuň hakynda aýdylan köp hekaýalaryň sany kändir. Şol wagt, öz atasynyň bellän orunbasarlary we oňa ýardam edenler aradan çykýar, olaryň ýerine başga naib/adamlar we wezir bellenýär. Şolardan birisi Baýindirlardan bolan **Dönker** we beýlekisi-de Igdirlerden **Dönke** bolup, bu patyşa aradan

çykýança naiblik hem wezirlik olaryň golundady.

**Gaýy Inal** han aradan çykanda, “ýog aşy” dabarasy üçin atasynyň orunbasary bolan Baýindir **Dönkeriň ogly Erki** uly bir toý berdi. iki gölden birini ýogurt (aýran) beýlekisini-de Kimiz bilen doldurdy. Şeýle köp goýun, sygyr we baýtal eti ýygnanypdy, misli dag ýaly. Näçe welaýat bar bolsa olardan adamlar geldi we olaryň hemmesi naharlandylar, gidenlerinde-de özleri bilen bile azyk-iýmit äkitdiler, ýene ol artyp galdy. Gaýy Inal hanyň ogly ýokdy, ýöne soňky wagtlarda hatyny göwreli boldy we ölen wagty onuň bir ogly dünýä geldi. Bu oglan dünýä gelen wagty **Gorkut we Erki** (her ikisi) bu oglanyň ady **Tuman** (duman-ümür) bolsun diýdiler.

Ýaşulular, Tuman (Duman-Ümür) garaňkylyk diýmekdir we bu patyşalara gelişmejek at diýdiler, has ýagşy at dakmak gerek diýip olar aýak directiler. Şonda Gorkut şeýle diýdi: Duman-ümür bolanda hawa garaňky bolýandyr welin, ýöne gök önümler üçin gerek bolan çigi özi bilen getirer, bu oglanyň atasynyň aradan çykmagy bilen halkyň göwni syndy ýöne duman dargar, yzyndan güneş görner we Aýdyňlyk bolar, gök önümler köpeler we her kimiň işi oňuna bolar, şonuň üçin biz-de şeýle ady saýlap aldyk. Ýabguý han, ogly Ala Atly Keş (gyş) Dernekli (donly) Gaýy Inal han öz ýerine saýlapdy. Ol dirikä, hemme haýwanlary tutup öldürip, dillerini kesip bir guta goýup saklapdy. Bir oglum bolsa, haýwanlaryň dilini aňlar ýaly diýip oňa beriň diýip wesiýet edipdi.

Şol gutyny Tuman han dünýä gelende tapdylar, içindäkileriň hemmesini ýuwup Tuman hana berdiler. Şonuň üçin oglan ulalanda, barça haýwanyň dilini bilýärdi. Şondan soňra uly- kiçi her kim ýygnanyp, Tuman han ulalana çenli patyşalygy kime bermeli diýip biri-birileri bilen maslahatlaşdylar. Gorkut hemme halkyň ortasyndan çykyp gaty ses bilen: “Patyşamyz ölen wagty, her kim bilýändir ki Erki onuň hyzmatyndady we ol özünden ýagşy at galdyrdy, çenden aşa ýagşy hyzmatlar etdi, iki gölden birini aýran beýlekisini-de kymyz bilen doldurypdy, örän uly toý beripdi, onuň ýaly işi henize çenli hiç kim eden däldir, onuň şeýle hyzmaty bolansoň, zamananyň şertlerini nazara alyp, Tuman hanyň entek kiçi oglandygyny göz öňüne getirip, onuň patyşalyk wezipesini alyp baryp bilmejekligini bilip, patyşalyk şu oglanyň ady üstünde ylalaşylsin, ýöne ol, jahyllyk-ýetginjeňlik ýaşyna ýetene çenli, onuň orunbasary edip Erki belläýliň” diýdi.

Gorkut bu sözleri aýdandan soňra hemme halk onuň bilen ylalaşdy, Tuman han Patyşa boldy we Erki-de onuň orunbasary bolup işe başlamaly edildi. Şeýle uly hyzmat edeni üçin-de Erkiniň adyny **Göl-Erki (köl-Erki)** ediýp bellediler.

Göl-Erki han dokuz ýyllap patyşalyk tagtynda oturdy. Tuman han ýigit çagyna ýetende, patyşalyk onuň hakydy we ýygnanan üç ýüz çemesi adamyň öňünde tagta çykjakdygyny mälim etdi. Göl-Erki han bu sözi eşidende gorkdy we gaýga batdy. Ol, hanyň orunbasarlaryna ýüzlenip: dokuz ýüz goýun we dokuz gysrak

kesiň oňa toý tutuň we Tumana, ol (Göl-Erki) awa gitdi diýip aýdyň, diýdi. Bu toý wagtynda, käse tutulyp başlandy, munuň üçin-de üç müň goýun we otuz gysrak kesiň (öldüriň) diýip buýurdy. Şu arada Gorkutyň yzyndan bir adam ýollady we “Döwletiň diregi sensiň, işler şeýleräk-beýleräk dowam edendir, ýöne Tuman hanyň haklydygyna gürrüň ýokdur, tagt we ýurt onuň erkindedir, gelsin, näme aýtjak bolsa aýtsyn, biz-de şoňa görä özümizi-işimizi belläýli” diýdi.

Gorkut bu habary eşidende ol ýere geldi. Göl-Erki han, Tuman hana toý tutdy we Gorkut-da käse tutdy. Iýmekler getirildi we aş iýldi. Şol wagt ýaşly-garry bir guwrduň sesi eşidildi. Tuman han hemme haýwanlaryň dilini bilýänligi üçin, bu gurduň näme diýýänligini-de aňlady. Ol: “haýp garrydym, awlarymyň yzyndan ýörtip ýetip bilmeýän, ýetip bilsem-de ony tutup bilmeýän, tutsam-da ony bölek-büjek edip iýip bilmeýän diýýän”. Garry gurt sözüni gutaranda, üç sany ýaş gurt oňa şeýle jogap berdiler: Sen garry we güýçsiz bolsaň, biziň güýjümiz bar. Ýaşlar, ýaşululara ýardam etmeseler, onuň näme gymmaty bolar. Bu gije ümür-garaňky, güýçli bir apy-tupan turjak, şondan peýdalanyp toý üçin getirilen haýwanlary bölek-bölek edip saňa bereris, olary rahat iýersiň, biz saňa mydama ýardam ederis.

Olaryň golaýynda, tebledäki goýunlara göz-gulak bolýan Göl-Erki hanyň, Gara-Barak adynda bir köpegi bardy. Bu köpek: eger-de patyşa maňa yssy-ýagly bir guýruk berse, sizlerden hiç biriňiziň

bir guza-da el uzatmaga ýol bermerin” diýip gurtlara jogap berdi. Patyşanyň ogly Tuman bu hal-ýagdaýy görende, bişen-taýýar aşyň içinden bir guýruk alyp şol köpege tarap ziňdy. Ýanyndakylar, bir köpege-de şeýle guýruk berilermi? diýip soradylar, ol-da şeýle jogap berdi: ony biziň bilen Göl-Erki (Erkin) han arasynda agzalalyk çykmasyn diýip berdim, hem-de: birine sadaka berjek bolsaň ozaly bilen köpege ber, diýlip aýdylýandyr, biz gaýgysyz bolar ýaly, köpek-de gaýgysyz bolmalydyr, şondan öteri berdim. Şondan soň aş iýdiler we ýatdylar. Gijäň ýarymynda Tuman han oýanyp ýanyndakylara: görüň, daşarda ýel ösýärmi-ösmeýärmi? diýip buýurdy. Olar görseler her tarap garaňky, gaty ýel ösýär üstesine ýagyn-da ýagýar, bu habary gelip Tuman hana aýtdylar. Tuman han, gurtlaryň sözüniň dogrudygyna göz ýetirdi. Jahan ýagtalyp, ýel hem ýagyş duran wagty köpegi gözlediler, goýunlary-da görmediler. Tuman han, Gara-Baragyň sözünde durup durmaýanlygyny bilmek isledi. Ýanyndaky üç ýüz adamdan, Gara-Baragyň we goýunlaryň nirededigini bilmeklerini isledi we olary çar tarapa ýollady. Görseler, goýunlar gurtlardan ürküp Gara-Barak bilen bile, yzlaryndan gurtlar gelýärkä “Agly” adyndaky geçelgä tarap gidipdirler. Gara-Barak gurtlar bilen çeýneşip, geçelgäniň agzyny tutup gurtlaryň goýunlara hüjüm etmekleriniň öňüni alypdyr. Tuman han bu hal-ahwaly eşiden-de, derrew atyna atlanyp ol ýere gitdi, hal-ýagdaýy görüp gurtlaryň hemmesini kowdy. Bu köpegiň-de öz beren sözünde

durýanlygyna ynandy. Goýunlaryň Erki Hanyň ýanyna äkidilmegini isledi. Erkin han, Tuman hanyň gelýänligini eşidende ony garşy almaga çykdy. Tuman han bilen Göl Erki han gujaklaşdylar we bile oturdylar. Gürrüňleşikde Göl-Erki han, Tuman hana şu goýunlar üçin bir şazadanyň şeýle ýorulmagyna gerek barmy? Eger şu goýunlar we hatta-da müňlerçesi ölse näme bolar, biz hemmämiz seniň gullukçylaryň we nämämiz bar bolsa-da olar seniňkidir, çünki sen biziň hanymyzsyň diýdi. Tuman han onuň jogabynda “aslynda goýunlaryň onçakly ähmiýeti ýok, olaryň şeýle heläk bolmaklary at-abraýymyza ýagşy bolmazdy, adamlar soňra, Tuman hanyň aýagy düşmedi, özi üçin berilen toýuň goýunlary şeýle haram öldi diýerler” diýip aýtdy.

Şeýdip toýa başladylar we ol ýedi gije ýedi gündiz dowam etdi. Toýda her gün togsan goýun bilen dokuz gysrak kesildi. Şol wagt Gorkut orta çykyp Tuman hana: Ataň aradan çykan wagty sen kiçi-bäbek bolanyň üçin, patyşanyň ýerine sen ulalýançaň Göl-Erki hana bereýli diýip geňeş geçirdik, indi sen ulaldyň we haýyrly bu derejä ýetdiň. Göl-Erki han garrydy, onuň bu günlükmi-ertirlikmidigi belli däl, şu wagt sen ony öz wezipesinden çetleşdirseň halk geň görer we bu iş hormat-sylag bilen-de badaşmaýar, diýip aýtdy.

Iň ýagşysy sen onuň gyzyny al we ol-da hemme mal-hazynasyn saňa berer, birnäçe günden soňra ölende tagt hemme zatlary bilen saňa galar, diýdi.

Tuman han, Göl-Erki hanyň gyzlaryn toýda şerap käsesini tutanda görüpdi. Bir gyzy begenip oňa gudaçylyga iberdi. Bu iş üçin-de bir aýlap toý-tomaşa tutuldy. Onuň otagyn beýleki öýleriň öňünde salypdylar. Tuman bir gün tagtda uklap galanda, daşardan geçip barýan bir aýalyň sözleri gulagyna geldi: **"Aýny han ogly Uje han,** Tuman hanyň alan Göl-Erki hanyň gyzyny men aljakdym, ýöne ol (Tuman han) ara girip gyzy alypdyr, gidip onuň bilen söweşip gyzy yzyna alaryn", diýipdir. Tuman han bu sözleri eşidenden soňra hiç bir zat eşitmedik ýaly bolup gezmekligi özüne kemlik bildi, derrew galyp esgerlerini çagyryp ýygnady we Uje han bilen uruşa gitdi.

Tuman han ol ýere baranda Aýny han gelmedi, ogly Uje söweşmek üçin garşy çykdy, Tuman han onuň bilen söweşdi we ony ýeňdi, iki gün iki gije ony paýtagtyna çenli kowalady. Ahyrsoňy öz ýüz atlysy bilen onuň goşununy ýene bir gezek ýeňdi, Uje han tutup yzyna gaýtdy we öz goşununa birikdi. Olaryň ýurdunyň serhedinde birnäçe günläp oturdy. Uje hany huzuryna çagyryp ondan aýdan sözleri we nämeler pikir edýänligini sorady, ýöne ol bu meseleler barada hiç bir zat aýtmaýardy. Özi tarapyndan aýdylan we Tuman hana eşitdirilen sözleri-de kabul etmedi. Ýalňiz jogap edip: Aramyzda ýüz beren söweşiň sebäbi, seniň biziň ýurdumyza çozup gelmäňdir, biz-de saňa garşy durmaga mejbur galdyk, onuň başga sebäbi ýok, diýdi. Tuman han onuň hiç bir zady kabul etmän, inkär edip oturşyny görende

onuň öldürilmegine buýruk berdi we bu ýerde ýene bir ýyllap galdy.

Göl Erki hanyň gyzy bolan aýaly, Tuman hanyň ol ýerde ýene bir müddet galjakdygyn eşidip ol ýere gitdi. Aýal şol wagt göwreli bolup aýy-güni golaýlaşypdy, ýolda onuň bir ogly boldy, bu hal-ýagdaýy Göl-Erki hana habar berdiler we her ikisini-de oňa tarap iberdiler. Göl-Erki han oglany ýanyna alyp toý tutdy we oňa **Gaý Ýawgu han** diýip at dakdy. Gyzyn Tuman hanyň ýanyna ýollady, olar bir-birlerine gawuşdylar. Tuman han soňra Aýny hana garap: “Ata- Babalaryňyz hemişe meniň Ata-Babalaryma boýun boldular, ýöne seniň ogluň bize garşy ýaman pikirler edeni üçin ony öldürmäge buýruk berdim. Indi sen ýüregiň bilen meni oňlaýan bolsaň, ozalkysy ýaly bize boýun bolup öz salgytlaryňy kemsiz ýollarsyň, men-de bu ülkäni saňa bererin" diýdi. Aýny han boýun bolup, oňa ýüregi bilen baglydygyny görkezende, Tuman han bu ýerleri oňa berdi. Ony öz ýurduna ýollap özi-de paýtagtyna gaýtdy. Öz oglun görende köp begendi. Şondan soň bir müddet Göl-Erki han bilen bile işleşdi. Soňra ogly Gaýy Ýawgu han ulalyp ýetginjeklik çagyna ýetende, bir gün suw kenarynda bir oglan bilen oýnaýardy, agyzlary alalanda ol, öz ýoldaşyn öldürdi.

Gaýy Ýawguý inçe we başy üç ýüzli bir oty alyp onuň bilen öz ýoldaşyna uran wagty ol, ikä bölünipdir, çünki bu otuň tikenleri edil Almaz ýalymyşyn. Muňa her kim haýran galypdyr. Tuman han bu habary eşidende “Meniň oglum Taňrydan güýç alýan

bolmaly” diýip onuň ady **Tiken bilen Adam Biçen (orankesen) Gaýy Ýawguý han** bolsun diýip buýurdy. Soňra Tuman han bilen Göl-Erki Hanyň bilelikde tagtda oturan wagty geçirilen bir toýda, Tuman hanyň ogly-da ol ýerdedi. Ol, şol adamlaň arasynda Göl Erki hana: Bu tagtda oturmak meniň atamyň hakydyr, köp wagt bäri sen oňa eýe bolduň. Atam ulalan-da bolsa tagtda oturyp buýruk bermek maksady bilen ejemi oňa berdiň, indi men-de ulaldym, sen mazaly garrydyň, tagtdan düşüp ony öz eýesine bermegiň wagty-zamany gelmedimi? Uly-kiçi her kim bilýändir tagtyň biziňkidigini, mundan beýläk tagta çykma, taraplar arasyndaky dostlugy duşmançylyga aýlandyrma diýip aýtdi. Göl Erki han bu sözleri eşidende biraz durdy we soňra şeýle diýdi: Bu sözleri meniň ozal aňlamagym, aýtmagym we ilaýta-da seniň bir tikenli ot bilen birini ikä bölen güniň tagty saňa bermegim gerekdi, ýöne sen menden ozal işe girişdiň we dogry aýdýarsyň, hak sözüň garşysynda men näme diýip bilerkäm?

Ertesi gün Göl Erki han uly bir toý tutdy, Tuman hanyň atalaryndan galan öýleri beýleki öýler bilen bile gurdular. Göl Erki han, Gorkuty, Oguzyň hemme urugyny, ululary we beýleki atly-abraýly adamlaryny ýygnap şeýle diýdi: “Otuz iki ýyldan bäri bu tagtda oturýaryn, bu gün hak Tuman hanyňkydyr we oňa-da öz atasyndan ýetendir. Eger biziň urugymyzyň patyşa bolmak ýaly bir höwesimiz bolanda-dy bu ýalňiz bir boş höwes bolardy. Patyşalyk tagty, bu iş üçin uly Taňry tarapyndan bellenenler bilen

olaryň neslinden gelenlere laýykdyr. Elbetde bu urugdan gelenler hiç wagt ýalňiş iş etmezler, ýöne men ýalňyşyp bilerin. Şondan öteri henize çenli, tagtda oturan 32 ýylymyň dowamynda bir adamyň menden göwni galan bolsa aýtsyn". Ol ýerde ýygnananlar bir agyzdan "biz-hemmämiz seniň eden hemme işleriňden razydyrys, senden bize hiç wagt ziýan gelmedi" diýdiler. Soňra tagty Tuman hana tabşyrdy we: "Şu tagty berýärin, ýöne olaryň, atalarynyň edişleri ýaly edip, adalat we hakykatdan aýrylmazlyk şerti bilen. Biz-de şeýle ýol bilen gidipdik" diýdi. Ahyry degişmä salyp agtygy Gaýy Ýawgua: Eý meniň gyzymyň ogly, Ahyrsoňy maňa ýagy bolduň, gel indi mübäreklik bilen tagta çyk-otyr" diýdi. Oglan-Gaýy şol wagt dokuz ýaşyndady we: "meniň bu meselede atam bilen sözüm-geňeşim bar, ertir biziň günimizdir, näme etjekligimizi bilýäris, seniň aýdýanlaryňa-maslahatyňa mätäç däldiris" diýip jogap berdi. Toýa gelenler, yzlaryna gaýtmaga taýýarlanýarkalar, agşam Gaýy han atasyna, **"Ata barka aga ýaş, aga barka ini ýaş"** diýdi we sen bir toý tut-da özüň tagtda otyr, men sen garryýan wagtyň, seniň buýrugyň bilen tagta çykaryn, diýip sözüni bitirdi.

Atasy onuň bu sözüni kabul edip begendi we şol gijäniň özünde atasy häkimiýet başyndaka işläp ýören emirleri, işgärleri we beýlekileri çagyrtdy we ýygnanyp gelmekleri üçin ilçiler ýollady. Her kes gelenden soňra toýa başlandy. Şeýle bir gawy toý tutuldy, oňa ilat haýran galdy, ozal şeýle toý görülmändi. Bu toý

on üç günläp dowam etdi. ilkinji gün Tuman han tagta çykdy. Ýüz gün geçenden soňra öz razyçylygy bilen tagtdan düşüp öz ogly Tiken Bilen är Biçen Gaýy Ýawguýy tagta çykardy. Bu han togsan ýyllap patyşalyk etdi. Diýseň gahryman we arassa ýürekli we namysly bolany üçin ýurdy kanunlara tabyn etdi, ýer ýüzüniň her tarapyndan oňa salgyt-hazyna gelýärdi.

Togsan ýyllap patyşalyk edenden soňra Gaýy Ýawguý han aradan çykdy, onuň ogly **Uladmur Ýawguý** hany**,** ýas-matam gutarandan soňra bir toý tutulyp tagta çykardylar. Onuň **Gara Alp** adynda özünden kiçi bir dogany bardy. Hökümdarlygynyň 15-nji ýylynda Oguzlara tabyn we boýun bolan Uýgur gowumyndan **Arykly Arslan han** ýagy bolup Oguz Ýabgular häkimiýetine garşy gozgalaň göterdi. Uladmur Ýawguý han esger ýygnap onuň bilen uruşmaly boldy. Olar arasynda **Talas** töwereginde söweş başlandy we ol üç gije-gündiz dowam etdi. Uladmur ýeňiş gazandy we Arykly Arslan öz emirleri bilen bile şol söweş wagtynda öldürildi. Ozal olara berilen ülkäni gaýtaryp alyndy gylyçdan halas bolanlar, mal-gara we sawgatlar bilen gelip öz günälerini boýun aldylar. Uladmur bir ýyllap şol ülkede galdy.

Arykly Arslan hanyň bir ýaşajyk ogly bardy. Bir gün ony Uladmur Ýawguý hanyň ýanyna getirdiler, Uladmur oňa bakyp rähmi geldi we gözüne ýaş aýlap: haýyp, bu ülkäni atamyz Uýgur gowumyna beripdi, eger atasy ýalňyş iş etmändedi bu ýaşajyk oglan şeýle boýuny buruk-ýetim galmazdy. Oglana **Aly (Alp)**

**Tawgaç han** at goýup, şol ülkäniň patyşalygyn oňa berdi we "ata-babalarymyz hemişe size ýardam edip sizi goldandyrlar, men-de mundan beýläk şeýle ederin, siz arassa ýürek bilen bize boýun bolup geziň, ýöne terslik etseňiz, şeýle edenleriň başyna gelenler siziň-de başyňyza geler” diýdi. Şondan soň öz paýtagtyna gaýtdy.

Atasy we erkan-i döwlet oňa toý tutdular, şonda Uýgurlardan getirilen ýesirleri bagyşladylar we olary yzlaryna iberdiler. Ýurt abadan we parahatçylyk boldy. Öz atasy Tiken Bilen är Biçen Gaýy Ýawguý aradan çykanda Uladmur Ýawguý han 75 ýyllap patyşa boldy, ýöne onuň ogly ýokdy, ondan soň Gaýy Ýawguý hanyň beýleki ogly **Gara Aly (Alp)** başa geçdi. Bu oglan, öz atasynyň **Urçe (Orja han)** bilen söweşi mahalynda, onuň ýagy tarapyndan sallançakdan ogurlanyp äkidilipdi, ýöne ol, öz atasy (Gaýy Ýawguý han) dirikä gaýdyp gelip ony görüpdi. Gara Aly (Alp) hanyň patyşalygy 22 ýyllap dowam etdi.

## PATYŞALYGYŇ ULADMUR ÝABGU HAN URUGINYŇ GOLUNDAN ÇYKYP, GARA HAN OGLY BUGRA HANYŇ PATYŞALYGYNYŇ BAŞLANMAGY WE ÝURDUŇ TAGTYNA ÇYKMAGY

Ýawgularyň nesli gutaranda **Gara han ogly Bugra han** patyşalyga getirdiler. Togsan ýyldan soňra üç ogly boldy. Ulusy **Il Tegin (Tekin),** ortanjasy **Kori Tegin** we iň kiçisi **Bek Tegin.** Teginiň manysy gözel ýüzli (awadan-gelşikli) diýmekdir. **Bugra han Aşy,** diýilýän iýmit/nahar oňa mahsusdyr. Rowaýata görä: bir gün esger aç galypdyr we haýsy aşy bişireýli diýip sorapdyrlar. O-da tiz bolsun diýip, biraz hamyr alyp elleriniň aýasynda ýaýradyp gazana salypdir. Şondan soňra şol aş (nahar) halk içinde meşhurlik gazanipdir.

Bugra hanyň döwründe urp-adatlar, dogrulyk... birkemsiz ýerine ýetirilýärdi. Her kim öz hakyna razydy, hiç kime zulum edilmezdi. Bolçulykdy, hemme zat arzandy. Üç oglunyň-da enesi bolan **Baýyr hatyn** adynda akylly bilgili we ukyply bir aýaly bardy. Ýurduň meseleleri barada-da käwagt ol karar berýärdi. Bir gün şol aýal aradan çykdy. Bugra han üç ýyllap ýas tutdy, öýünden daşary çykmady we saçyny syrdyrmady. Ol garryp, horlanyp ýuwaş-ýuwaşdan işden- güýçden galdy. Onuň bu hal-ahwalyn gören begler ondan üç ogluňdan haýsy birini öz ýeriňe Han edip bellejek, diýip soradylar. Bugra han: maslahat geçiriň we begler haýsy birini laýyk görýän bolsalar şony saýlaň diýip jogap berdi.

Begeler bir-birleri bilen maslahatlaşdylar we Bugra hanyň ýanyna baryp, oglanlaryň üçüsi-de täji tagty eýelemäge minasypdyr, ýöne karary siz beriň diýdiler. Bugra han: **her zadyň orta-miýanasy ýagşydyr,** diýende begeler onuň ortanja ogluny -Kori Tegini saýladylar we ýedi günläp toý tutdular.

Kori Tegin öz atasy-Bugra hanyň ýanyna gelip: Niçe ýyldan bäri öýüň bir çetinde oturyp ejem üçin ýas tutýarsiň, bu işden ne peýda? diýip ony ýanyna aldy we bile awa çykdylar. Şonda Kori Tegin bir dag keýigine ok atdy. **Sarygul** adynda bir adam bu oky tapdy we ony Kori hana getirip berdi. Kori han, ol öz dogrulygy we maňa bolan ynamy bilen şol oky getirdi diýdi we oňa sylag edip ýaragly güýçleriň serkerdeligini berdi. Bir gün Kori han atasyna, seniň hyzmatyňy eder ýaly bir gyz alaýyn diýip Bugra Hana ýüzlendi, ol-da gözüne ýaş aýlap: haýsy gyz-aýal seniň eneň **Baýyr (Baýan) Hatynyň** ýerini tutup biler? Hem-de gelen hatyn aramyzy degrer, biz ata-ogly bir-birimizden aýrar diýdi. Şeýle-de bolsa Kori Tegin, **Künje (Külçe) begiň** gyzyna gudalyga iberdi. Razyçylyk bilen şol gyzy Bugra hana aldylar.

Bir gün Bugra hanyň aýaly, Kori Tegin ýalňizka onuň ýanyna baryp gel seniň saçyňy daraýyn diýip oňa ýanaşýar. Ol-da enemiň ýerine gelen aýal, darasa-darasyn diýip oňa saçyn daratýar, şonda aýal, meni garry ataň elinde esir etdiň, özüň maňa hiç bakmaýarsyň diýip oňa ýanaşjak bolýar. Onuň bu ýaman pälini aňlan Kori Tegin gaharlanyp ertir atam bilen geňeşip, seniň

pendiňi bererin diýip ol ýerden aýrylýar. Aýal bolsa bu hal-ahwaldan her kimiň habardar boljaklygyn göz öňünde tutup, bir hilegärlik etmäge başlaýar. Kori hanyň öýündäki gyzlardan 2-3 sanysyn çagyryp biriniň aýagyna Kori hanyň ädigini geýdirdi we ony öz öýüniň gapysyna çenli ýöritdi. Şol gije gar ýagypdy we ädigiň yzlary garyň üstünde belli bolup durdy. Soňra gidip ärine (Bugra hana), ogluň Kori han meniň öýüme gelip meni özüne tabyn etjek boldy, gör, ine onuň ädigininiň yzlary garyň üstünde durandyr, diýdi. Bugra han muňa gaty gahary geldi we emirlerini çagyryp hal-ahwal barada olar bilen geňeşdi. Emirler, iň ýagşysy Kori hany çagyryp hal-ahwaly ondan soraýlyň, diýip pikir berdiler.

Kori hany tutup getirip, seni ataň buýrugy bilen tutýarys diýip oňa aýtdylar, ol-da atam buýruk beren bolsa ine ellerim, alyň daňyň diýip hiç garşylyk görkezmedi. Ýöne oňa, Bugra hanyň aýalynyň Bugra hana aýdanlary barada sorag berdiler, ol-da, indi düşündim, diýmek ol menden ozal işe girişdi we **ediljek işiň ozal dile getirilmesiniň ýalňyşdygyny indi aňladym** we atalarymyz-da **“dile düşen iş ziýan getirer”** diýip ýöne ýere aýdan däldirler diýip sesini çykarman oturdy. Emirler bu ýagdaýy Bugra hana aýtdylar, ol-da emirlerine bu iş barada siz nähili pikir edýärsiňiz diýip ýüzlendi, olar, Kori Teginiň şeýle iş etmänligini we aýalyň şeýle niýetiniň bolandygyn aýtdylar.

Şol wagtlar **Döw Gaýasy** adynda uly bir dagyň eteginde

Aždarha bardy **Endek** adynda giň bir meýdanyň gyrasynda. Bu dagyň eteginde üç sany uly agaç bardy, olaryň herbiri bir akar çeşmäniň aýagynda bolup, her agajyň aşagynda iki mawy aždarha bardy. Birisi günäkär diýip pikir edilse şol adamyň endamyndan bir ýerini maýyp edip şol aždarhalaryň ýanyna ýollaýardylar. Eger- de şol adama ýöňkelýän günä dogry bolsa aždarha ony derrew iýýärdi, eger-de ol bigünä bolsa aždarha onuň endamyndaky maýyp ýerini bejerip, ýuwup-ýalap yzyna iberýärdi.

Bugra han oglunyň meselesiniň aždarha tarapyndan birýüzli edilmegini we gözlerine çiş kakyp kör edip onuň aždarhalaryň ýanyna ýollanmagyn isledi. Ol, bir düýä mündirildi we ýanyna-da gara-derililerden bir aşçy goşdular, olar iki aýlyk ýola çykdylar. Şol wagtlar Kori hanyň harby serkerdesi **Antlyk Sarygulbaş** ol ýerde däldi. Gaýdyp gelen wagty hal-ahwaly eşidip, Kori hanyň atasy Bugra hany öldürip kellesini kesip ony Kori hana eltip bermekligi ýüregine düwdi.

Ýöne bu iş aňsat däldi, üstesine özi nähili atasyny gawy görýän bolsa, Kori Teginiň-de şeýledigine göz ýetirdi, oňa hyzmat edip dostluk borjuny ýerine ýetireýin diýjek bolup, onuň gazabyna duçar bolamaýyn diýip pikir etdi we iň dogry işiň Kori Teginiň ýanyna gitmekdigi kararyna geldi we olaryň yzyndan ýola düşdi we daňa golaý olaryň ýanyna ýakyn bardy. Şol wagt Kori Tegin öz ýanyndaky aşçysyna: “at nallarynyň sesini eşidýärin, gör bak

yzymyzdan gelýän barmy? diýdi, şol wagt aşçy, bir boz atly iňdaryp gelýär diýende Kori Tegin ol hökman Antlyk Sarygulbaşdyr, eger-de doganlarym bolsa olaryň atlary gara bolardy, diýdi. ine şol wagt Antlyk Sarygulbaş gelip ýetdi we atdan düşüp Kori hanyň elini-aýagyn öpdi we aglady, şonda Kori Tegin han oňa: Eý wepaly dostum, maňa köp hyzmat etdiň, indi-de doganlarym däl-de sen geldiň ýanyma, sen yzyňa gaýt we öýüňe hem oglanlaryňa seresap bol, men öz bigünäligimi bilýärin we sag-salamat yzýma gaýdyp geljekligimi-de bilýärin, eger-de gaýdyp gelmesem aýal-oglan uşaklarym ilki Taňra soňra-da saňa amanat bolsun, olara-da göz-gulak bol diýse-de, Sarygulbaş ýene aglap, yzyma gaýtjak däl, ölsem-de seniň bilen bile öljek diýip aýak diredi, olar üç bolup ýöräberdiler. Iki aýlap ýol ýöridiler soňra uzakdan üç agaç göründi. Antlyk bu üç agajyň haýsy birine tarap ýöriýeýli diýip Kori handan soranda ol, men özüm ortança ogul bolansam ortança agaja baraýly diýip jogap berdi.

Şol wagt üç dag goçy (aždarha) peýda boldy, Antlyk atyn sürdi we aždarhanyň edil öňüne baryp durdy. Şol wagt Kori han çeşmäniň başynda uklap ýatan. Aždarha onuň gursagyna dogry ýöränđe Antlyk Sarygulbaş, bu işden gorkup gyljyn syrdy we aždarhany öldürmek isledi we näme edýärsiň ol bir patyşadyr, ol günäsiz-de bolsa ony şeýle ýagdaýa düşürdiler, oňa ziýanyň ýetse seni öldürerin diýip gygyrdy. Aždarha: hiç gorkma ol günäsiz we tämiz ýürekli bir adam diýdi-de dilini Kori Teginiň her iki gözüne

sürdi, şol wagt onuň çiş kakylan gözleri açyldy we ol dünýäni görüp başlady. Ol ýerden sag-salamat öz obalaryna-öýlerine gaýdyp geldi. Şol wagt oba ýagy çozdy we Bugra hany öldürjek bolýarlar diýip obada jar çekildi. Şonda hem Kori han hem-de Antlyk Sarygulbaş ýagylar bilen söweşdiler we olary gyrdylar, gylyçdan halas bolanlary-da gaçyp gutuldylar.

Kori Tegin öz atasyny görüp başyndan geçenleri oňa aýtdy, şonda Bugra han: men saňa ilkinji güni, biziň aramyzy bozar, agzalaçylyk salar, hiç kim seniň ejeň ýerini tutup bilmez diýip aýtmadymmy? diýip zeýrendi we şol aýala näme jeza berjek bolsaň ygtyýar sende diýip Kor hana ýüzlendi. Kori han ol aýalyň iki elini iki ata, iki aýagyn-da iki ata daňdy, ortaradan-da bir at goşdy we atlary gamçylady, olaryň her biri bir ýaňa gidip, şol betpäl aýalyň elini aýagyn, bedenin parçalady. Şondan soň Kori han: Mundan beýläk her kim başga kişä töhmet atsa jezasy bu bolar, diýdi.

Ondan soň Bugra han ogluny tagta oturtdy we ol ýetmiş bäş ýyllap patyşalyk etdi. Ol aradan çykandan soňra-da ýakyn garyndaşlaryndan **Ulpak (Oýunak) han,** ýedi ýyllap patyşalyk kyldy. Ondan soňra ogly **Arslan han** patyşa bolup tagta oturdy. Onuň kyrk geňeşçisi bilen **Sewer (Suwar)** atly bir guly bardy, ol hünärli hem batyr bir adamdy. Patyşa oňa öz ýanyndan ýer berip, ony şeýle bir özüne ýakyn tutanmyşyn we ol öz aýtjak sözlerini patyşa aýdyp bilipdir.

Bir gün onuň waspy patyşanyň hatunyny-da haýran galdyrdy, ýöne onuň şeýle azat (islän işini edip ýörmegini) hereket etmegini geň gördi. Ony her kim gysganyp başlady. Olar patyşa arz edip: Bu Seweriň ýaman hyýaly bar we seni-de aradan çykaryp özi patyşa bolmak isleýär biz bu ýagdaýy size aýtmaklygy maslahat bildik, diýdiler.

Arslan han, Seweri bir ýere ýollapdy. Ol gaýdyp gelende ony size bererin, siz isleseňiz ony parça-parça ediň, diýip arza gelenlere aýtdy. Olar gaýdansoň Patyşa hareme girdi. Malba hatun (iň uly hatundy) öňe çykyp käse tutmak isledi, ýöne patyşany gamgyn gördi we onuň sebäbini sorady. Patyşa hal-ahwaly oňa aýtdy, Swerden göwnüm döndi, gaýdyp gelende bu işiň anygyna ýeterin, aýdylýan sözler çyn bolsa ony öldürerin, diýdi. Hatunlar: biz-de ony kä wagt gysganýarys, ýöne ol edermen adamdyr we her işiň hötdesinden geler, anygyna ýetmän ony gysganýanlaryň sözüne ynanyp adamy heläk edasaňyz soňra pişmanlyk peýda bermez diýdiler. Gara Arslan han gije bu meseläni ýagşy pikir edip saldamlap gördi. Ertir bolanda öz baş geňeşçisine: Bu gün men **Küýükü (küýki) gala** baryp aw awlamakçy, ýöne arada kiçiräk päsgel bar, siz ol ýere baryp aw awlaň” diýdi. Patyşanyň permany bilen olar awa gitdiler. Bir gün Sewer ýetip geldi. Arslan han ony öz ýanyna getirmedi we oňa **Anandan** we **Ýeňikentden** üç ýyllyk salgytlary ýygnap getirmegini buýurdy. Oňa köp sawgatlar berip ony sylag bilen ýola

saldy. Ýene bir gün patyşanyň özi hilegärlik bilen ölen habaryny ýaýratdy. Sewere hem geňeşçilere Gara Arslan han öldi, diýip habar ýollady. Olar, bu habary eşidip derrew gaýtdylar we özara geňeş edip, bu patyşa bizi hemişe hor görýärdi, Seweri bolsa bizden artyk görýärdi, onuň ölümi bize toýdur, diýdiler. Sewer bolsa köp gamgyn bolup, hatunlaryň ýanyna baryp aglap-eňräp: Haýp, emirleriňi has gawy görýärdiň, ýöne olar senden soňra yzyňy gorap saklamadylar, olar seniň hazynalaryňy alyp öz aralarynda paýlaşdylar, mundan soň bize ýaşamak gerek däl, iň ýagşysy özümi öldüreýin we dünýäni duşmanlaryň golunda görmäýin, diýip zeýrendi. Bu hal-ahwaly gören Gara Arslan han, birden tabydyň içinden daşaryk çykdy, hatynlary ony görüp gaçdylar we ölen adam nähili direldi diýip haýran galdylar. Patyşa Seweri gujaklap, seniň hakyky hyzmatkärdigiň belli boldy, diýdi.

Sewer (Suwar) bu ýagdaýa haýran galyp, adamlary şeýdip derňemek bolarmy? diýende Gara Arslan han: häzir bu gürrüňleriň wagty däl, ogullarym **Ilarslan** we **Mahmud** hemme nökerleri-goşunlary bilen gidip şol kyrk geňeşçini tutup getirsinler diýdi. Olar tutulyp getirildi, eden işlerinden utanyp ýere bakyp durdylar, şonda patyşa näme üçin ýere bakyp dursuňyz, galdyryň kelläňizi diýende olar: biz öz günämizi bilýäris, ýalňyşdyk diýdiler, şonda patyşa: siz Sewere ýamanlyk etdiňiz, olar size gaýdyp geldi, diýdi. Sewer-de, kim öz patyşasyna ýamanlyk etse jezasy ine şeýle bolar diýip aýtdy. Şondan soň

Sewer patyşanyň buýrugy bilen olary ýol kenaryna çykaryp gözlerini oýdy, gulaklaryn kesdi, el-aýaklaryn bedenlerinden aýryp ýoluň kenaryna tikip goýdy. Ikiýüzlilere sapak bolar, diýdi.

Patyşa atly goşunyň başylygyny, orunbasarlygy we hyzmat gullugyny Sewere berdi. Gara Arslan han ýetmiş ýyllap höküm sürdi. Onuň öz ogly ýaş bolansoň, tagta öz atasynyň doganynyň ogly **Osman hany** çykardylar. Ol-da 15 ýyllap patyşalyk etdi, ondan soňra **Esli han** tagta geçdi, ol-da üç ýyllap tagtda oturdy, soňra ogly **Şaýban han** tagta çykdy, ol-da 22 ýyllap patyşalyk etdi, ondan soňra-da **Buran (Turan) han** patyşa boldy, on sekiz ýyllap patyşa bolup oturandan soňra ogly **Aly han** onuň ýerine geçdi. Aly han-da Manda (Maýda) we Ýaňykentde 20 ýyllap patyşalyk etdi. Aly han öz ogly **Gylyç Arslan,** dogrulykdan-adalatlylykdan çykman öz sözlerini diňlär diýip biline gylyç guşady we oňa **Gylyç Arslan han** diýip at dakdy. Olar Horasan ýurduna baryp ýetenlerinde ýetginjek ýaşa gelipdi we ol hemişe oýnap-gezip ýörmegi söýýärdi we hatda emirleriň öýlerine baryp olaryň gyzlaryna ýanaşýardy, bu ýagdaý emirleriň hoşuna gitmeýärdi, şonuň üçin oňa **Zalym Şa** diýip at berdiler. Emirler, Gylyç Arslany (Şah-Mäligi) terbiýelemek işi tabşyrylan **Bügdüz Kardyçiniň** ýanyna baryp hal-ahwaly oňa aýtdylar.

Kardyçi (Atabeg) Gylyç Arslana köp nesihat edip ony ýola getirjek boldy, ýöne ol bolmady. Ahyrsoňy Gylyç Arslany tutmaly boldular, ýöne ol gaçyp derýadan geçdi. Bügdüz (Ýyldyz) Kardyçi-

de onuň yzyndan ugrady we Aly hanyň huzuryna çykdy we oglunyň edýän işlerini oňa aýtdy “Meniň pend-nesihatymy almady we erbet işlere ýüz tutdy” diýdi. Şonda Aly han, eger oglum bu sözleri eşitse ýanyma gelmän gaçar diýip pikir etdi we Bügdüze sen ýalan söýleýärsiň diýip gaharlanan boldy. Gylyç Arslan bu sözleri eşidip derrew atasynyň (Aly hanyň) ýanyna geldi we onuň aýagyny ogşajak boldy, şonda Aly han, onuň kellesine depdi-de tutuň bu bedasyly diýdi, ony tutup zyndana dikdylar. Aly han soňra Kardyçini ýanyna çagyryp: bagyşla bilgeşleýin saňa gaharlanan boldum diýdi we al bu oglany äkit we emirlere tabşyr nähili isleseler oňa jeza bersinler, isleseler öldürsinler diýdi.

Ýöne agşam özara geňeşip, oglany duşmanlara tabşyrmaklygyň nädogry iş boljaklygyna, duşmanlaryň oglany öldürip patyşa bilen-de söweşe girişip biljekligine göz ýetirdiler. Olar, Aly hanyň öz ogluny birýerde gizlemegini we Kardyçi-de baryp duşmanlara, patyşanyň ogluny özüne tabşyrandygygyny aýtmagyny maslahat bildiler. Eger-de duşmanlar bu sözleri kabul etselerä nä- ýagşy etmeseler Gylyç Arslan hanyň goşun bilen olaryň üstüne iberip olary zor bilen mugyra getirmeklik barada karara gelindi. Ýöne Kardyçi meseläni duşman ili bilen maslahatlaşanda olar, Patyşanyň öz ogluny hökman öldürmegi gerekdigini we özleriniň şeýle isleýändiklerini beýan etdiler.

Olaryň ýolbaşçysy **Gynyk Gazy_gurt beg**di**.** Şol wagt Horasana adam ýollap salgyt tölemekleri talap edilende olar: öz

arañyzdaky agzalalygy bir ýüzli ediň soňra biz kime salgyt tölejekligimizi anyk bileýli we şoňa görä hereket ederis diýip jogap berdiler. Bu toparyň içinde, geljegi we gizlin syrlary bilýän **Amiran Kahin** adynda bir pakyýr bardy. Gynyk Gazygurt oňa: Aly hana ýagy bolmak nähili netije getirer, diýip sorady. Şonda ol, içiňizden adalat, dogrulyk, gahrymanlyk we jomartlygy bilen tanalýan bir adam dörejek. **Kerakuçi Hojanyň ogly Togsurmiş içi (Elçi),** özi-de öý ýonaçy bolmaly. Onuň üç ogly bolmaly, iň ulusy **Dukak,** ortanjasy **Tugrul** we iň kiçisi-de **Arslan.** Bu adam gije düýşünde garnyndan üç agajyň gaty köp pudaklar bilen gögerýänligini, olaryň köküniň ýerde şahalary asmana baryp ýetýänligini görýär.

Kahin bu düýşüň hiç kime aýdylmazlygyny isledi we ondan näçe ogluň bar diýip sorady, ol-da üç oglum bar diýip aýtdy, olaryň üçüsi-de patyşa boljak diýip Kahin onuň sözüne jogap berdi. Togsurmiş bu sözlere ynanyp bilmedi, gidip elindäki barja ýasan öýlerini satdy, birnäçe goýun alyp ilaty çagyryp sadaka berdi. Oglanlaryň üçüsi-de edermen, ýigit we başarjaň oglanlardy. Oguz begleri olaryň şeýle işlerini görüp olara Guşçylyk begligini berdiler.

Beglere bir gezek Herat, Gazna, Kerman we Horasanyň beýleki welaýatlaryna ilçiler ýollap salgyt ýygnamaklaryny buýruk beripdiler, ýöne ilat olara salgyt tölemediler. Togsurmişiň ogullaryndan Tugrul has-da edermendi. Gynyk Gazygurt: maňa

goşun beriň gidip salgytlary ýygnap getireýin diýip beglere ýüzlendi. Oňa müň esger berildi. Ol-da töwerege ilçiler ýollap, näme üçin salgytlaryňyzy tölemeýärsiňiz, ine garynja we çekirtge ýaly goşun gelýär, diýip habar ýollady. Esgerlere-de herbiriňiz iki torba gum dolduryp, torbalary birnäçe ýerinden deşiň we atlaryňyzy-da gaty sürüň diýdi. Deşiklerden dökülen gumlar, atlaryň aýagy aşagynda şeýle bir toz-duman çykardy welin ilat müň däl-de müňlerçe esger gelýär diýip gorkdy we ilçiler-de ozal şeýle bir habar ýaýradypdylar.

Tugrul düşelgelerde kän ot ýakylymagyna buýruk berdi. Şeýle işler halky örän gorkuzdy we olar salgytlaryn tölemäge razy boldular. Olar esgerler gelmesin ilaty gyryp-horlamasyn diýip ilçiler ýolladylar.

Tugrul ilatdan salgytlary ýygnap yzyna gaýdyp geldi. Şondan soň ol Oguzlaryň beglerinden biri boldy. Ine şol wagt Bügdüz Kardyçi geldi, ony Tugrulyň ýanyna äkitdiler. Tugrul oňa: Senden bir zat sorajak, ýöne dogrusyn aýt, diýdi. Ol-da bolýar diýip jogap berdi. Tugrul oňa: Bu ýere näme iş bilen geldiň diýip ýüzlendi, Kardyçi-de: Aly han, Şah_mäligi tutup, aryňyzy almagyňyz üçin ýanyňyza getirmegimi buýruk berdi we oglun maňa tabşyrdy, diýdi. Ol häzir ýolda **Çarkent** welaýatynda, az wagt soňra geler, diýdi. Şonda Tugrul eger dogry aýdýan bolsaň seni halas ederin, ýalan aýdýan bolsaň etjek işlerimi özüň bilýänsiň, diýip oňa haýbat atdy. Şonda Kardyçi gorkdy we işiň iň dogry tarapyn oňa

beýan etdi. Tugrul Kardyçini tutup zyndana saldy we birnäçe adama-da ony gorap saklamaga buýruk berdi. On alty müň esgeri ol ýere ýygnap “ýeriňizden gymyldamaň” diýip buýruk berdi. On dört müň esger saýlap alyp, olaryň alty müňüni dogany “Dukak”ga tabşyrdy we sag tarapa iberdi, ýene alty müň esgeri-de kiçi dogany Arslana berip sol tarapda ýygnady, özi-de iki müň esgeri alyp Şah_Mäligiň garşysyna çykdy. Şah—Mäligiň ýanynda ýigrimi müň esger bardy. Tugrul onuň bilen garşy-garşy gelende yzyna çekildi we gizlenip ýatan doganlary şol wagt orta çykyp Şah—Mäligi gabadylar we olardan köp adamlary öldürdiler. Şah—Mäligiň özi- de tutuldy we ol ikä bölündi, şonda Tugrul esgerlerine ýüzlenip: “Kim patyşa bolsa-da ýagşy işler edip urp-adatlarymyza hormat goýmalydyr, Şah—Mälik öz ýaman päliniň jezasyn gördi” diýdi.

Habary eşiden Aly han keselläp ýatdy we iki ýyl soňra-da aradan çykdy we ähli ýurda Tugrul eýe boldy. Ol her tarapa ilçiler ýollap ýurtda adalat, dogrulyk we asudalygy berkarar etdi. Salgytlar ýygnandy, uly dogany Dukaky Gazna we töwerekleriň, kiçi dogany Arslany-da Rum we oňa goňşy ýerleriň begi edip ýollady.

Tugrul, Ermeni ülkesine-de öz serdarlaryndan II.Arslan Şahy beg edip saýlady. Ol Gürji diýarynyň salgytlaryny-da ýygnady we her ýyl salgytlar paýtagta (Mara) iberilip durdy. Tugrul ýigrimi ýyllap (Hz.Muhammed peýgamber bolýança) Maryda höküm

sürdi.

Ondan soňra dogany Dukak onuň ýerine geçdi, ýedi ýyllap-da ol patyşa boldy. Ondan soňra-da **Dokuz Ýawguýy** patyşa edip saýladylar, ol-da on iki ýyllap patyşa boldy. Ondan soňra **Saman Ýawguýy (asylzadany)** Mawera-ün Nähre patyşa edip saýladylar (Samanylar oňa Saman Hudaý diýip aýdýardylar). Ondan soňra-da **Agym Ýawguý** bir ýyllap patyşa boldy, soňra **Kökem Ýawguý** (ýaş oglanka) patyşa boldy.

Şol wagtlar ýurduň **Garaşit** adynda bir duşmany bolupdyr. Begler ýurtda asudalygy berkarar edip ýören wagtlary Garaşit goşun çekip olaryň üstüne hüjüm edýär. Şonda Kökem Ýawguý kyn ýagdaýa düşýär. Duşmanlar onuň öýüniň gapysyna çenli gelip ýurdy eýelediler we onuň sallançakdaky doganyn esir edip alyp gitdiler we ýurtda olja ýygnamaga başladylar.

Kökem Ýawguýyň goşunlary gaýta güýçlendi we il bolup-da Garaşidiň ökjesine düşdiler we olaryň üstünden ýeňiş gazanyp yzlaryna gaýdyp geldiler we patyşalyga dowam edip ýurtde adalaty-asudalygy berkarar etdiler. Kökem Ýawguýyň esir alyp äkidilen dogany birnäçe ýyl soňra “indi men ulaldym, maňa goşun ýolla, olaryň ýardamy bilen men bulary ýeňip özümi-de olaryň elinden halas edeýin” diýip habar ýollady.

Kökem Ýawguý goşun ýollady, olar Garaşidiň goşunlary bilen söweşe girişdiler. Ol ýerde Kökem Ýawguýiň doganyna **Serheňk** diýip at berilen. Sereňk öz doganynyň goşunlaryna birikdi. Söweş

güýçli dowam etdi we her iki tarapdan-da köp adam öldi. Ahyrsoňy yza çekildiler. Şol wagt Sereňk dogany Kökem Ýawguýň ýanyna baryp öz başyndan geçenleri oňa aýtdy. Maňa ol ýerde Serhenglik derejesi berildi we iýşik agalygy wezipesini-de maňa berdiler diýende Kökem Ýawguý oňa bu ýerde-de şol wezipäni ýerine ýetir diýdi. Kökem Ýawguý ýigrimi ýyllap patyşalyk etdi we bir gün birdenkä öldi. Serheňk bu habary ýaýratmady we ony bir tabydyň içine goýup özi ýurduň işleri bilen meşgul boldy. Bir ýyldan soňra begler onuň ýanyna gelip bize hakykaty aýt, Kökem Ýawguý ýaşaýarymy? ýa-da aradan çykdymy? diýip soradylar, eger-de aradan çykan bolsa özüň patyşa bolup meseläni aýan et diýenlerinde serheng emirleriň özüniň patyşa bolmagma garşy däldiklerine göz ýetirdi we öz doganynyň bir ýyl ozal aradan çykandygyny olara paş etdi. Soňra Kökem Ýawguý jaýlandy we Serheňk tagta çykdy. Ol, on ýyllap patyşalyk kylandan soňra aradan çykdy we onuň ýerine **Sebuk Tegin** patyşa boldy. Soňra onuň ogly **Mahmud Sebuk Tegin** tagta çykdy we Hindi ýurdunyň käbir ýerlerini basyp aldy. Onuň hekaýaty, bu gürrüňlerden ozal aýdylyp geçildi. Ondan soň ogly **Mesud مسعود**patyşa boldy we gyşlamak üçin Gürgen we Mazenderana geldi. Tugrul we Seljuk uruglaryndan Çagry beg we Dawud, Maryny, Balhy we Heraty eýelediler. Soltan Mesud olardan salgyt isledi, ýöne olar bermediler we biz, öz urugymyzdan bolanlara salgyt töläris diýip jogap berdiler, biz-de patyşa neslindendiris

diýip sözlerini ýetirdiler.

Şol ýyl Mesud şah, Gürgen we Mazenderana barypdy. Dawud bilen Çagry beg özara maslahatlaşyp Mahmudlylaryň baş_şäheri Gaznany eýelemäge geňeşdiler. Mesud bu habary eşidende, Otuz müň esger bilen gelip Mary şäherini gabady. Gynyk Seljugiň ogullary ýardam üçin daşary ýurtlara ilçiler ýolladylar.

Aslynda olaryň maksady, ilçileriň Mesudiň karargähine baryp ol ýerdäki hal-ahwaly barlap gelmekdi. Şek-şüphe bolmasyn diýip-de az-awlak sawgat-da ýolladylar. Olar, gören-eşidenlerini Seljuklara bildirdiler. Çagry beg gapylara esgerler ýygnady we gijäň ýarymynda aýat-dogalar bilen duşmana hüjüm etjekdiklerini olara aýtdy.

Gije müezzin (azançi): Eý Dawud, seni bu ýer ýüzünde özüme halypa etdim diýip bir aýat okady. Dawud onuň manysyn sorady, öwrenenden soňra ony haýira ýordy we ýene gulak asdy we: Eý allahym, sen isläniňi ýüjeltýärsiň, isläniňi-de ýere çalýarsyň, haýir-sogap seniň eliňdedir, sen herzady bilýänsiň, güýçli-kuwatlysyň diýen sözleri eşitdi. Dawud bu aýatyň-da manysyn öwrendi we arkaýyn işe girişip biljekligine ynandy we birnäçe tarapdan duşmana hüjüm etdiler. Goşun serkerdeleri Mesudi tutup Dawudyň ýanyna getirdiler.

Seljuk Gynyklardan bolup Togsurmyş urugyndan Kerakuçi Hojanyň ogly bolup, Soltan Muhammed Horezm_şanyň atasy Anuş Tegin Garça-da, Oguzlardan bolup Begdili tiresindendir.

Anuş Tegin Seljukly soltanlaryň hyzmaty edenleriň hataryndady. Oguzlardan bolan patyşalar bäş nesilden gelýär: Gaýy, Ýazar, Eýmür, Awşar we Begdili. Bulardan başga uruglardan patyşa bolan däldir.



## SALGURLARYŇ HEKAÝASY-DA ŞEÝLEDIR:

Şah—Mäligiň beglerinden biri bolan **Gazygurdyň** nökerlerinden **Salwur Dikli** adynda bir beg bardy. Şah—Mälik ýeňilenden soň, hemme Oguz begleri Mara ýygnanýarlar. Salur öz kabylasyndan on müň atly bilen birlikde göçüp Horasanyň serhedine geldi we Kuhistan, Tabes we Ispahan taraplaryn birnäçe ýyllap talady. Ahyrsoňy Seljuklar bu ülkäni eýelediler, ine şol wagt Salur olar bilen birleşdi we uzak wagtlap olara ýardam etdi. Ahyrda onuň ogullary Pars taraplaryna gitdiler we ol diýary

eýelediler. Taryhda Salgury diýilýän Pars Atabekleri olaryň neberelerindendir. Ýene bir Oguz begi da müň esger bilen Jeýhunyň aňyrsynda ýurt edindi. Ol, gyşlag we ýaýlag üçin-de Balkan daglaryna we Horezm taraplaryna gitdi. Onuň ogullary heniz-de ýaşaýarlar (Gutlug beg, Gazan beg we Garaman beg).

Rum Türkmenleri, Garaman, Eşref we beýleki Türkmenler, Seljukly soltan Tugrul Ruma giden wagty onuň ýanyndaky ýigrimi müň türkmenlerdir. Tugrul beg yzyna gaýdanda olar ol ýerde galdylar, olaryň begi Gynyklardan **Arslan Soltandyr.** Şeýle-de Oguzlar dargan wagty Şah—Mäligiň Ýazyr urugyndan bir beg we Aly han ogullary Gaýaşgul we Weli han Ýazyr tarapyna gitdiler, ýer-ýurt edip-de Hisar Tagy (Dagy) saýlap aldylar we ol ýerde ýerleşip galdylar. Olaryň nebereleri ol ýerlerde heniz-de ýaşaýarlar.

***Muny ýazan bende Salar Baba Gul (Aly) ogly Salar Harydary.***

***Sene 963 ýyl, rabi-ül awal aýy. Nisa (Nusaý).***